TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– DOSTLUGY, YNSANPERWERLIGI WE HOŞNIÝETLILIGI ÝÖRELGE EDINEN MERDANA HALKYMYZ KEREMLI ORAZA AÝYNA HEM-DE YSLAM MEDENIÝETINIŇ IŇ GOWY TAGLYMATLARYNA, YNANÇ-YGTYKATLARYNA, AHLAK GYMMATLYKLARYNA AÝRATYN SARPA GOÝÝAR.

# ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

28-nji mart, 2025. Belgisi 13/1631



## BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda kabul edilen Birleşen Milletler Guramasynyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly KARARNAMASY

*Baş Assambleýa,*
Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda 1995-nji ýylyň 12-nji dekabryndaky 50/80 A belgili hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunyndaky 69/285 belgili Kararnamalaryna *salgylanyp,*

şeýle hem Halkara Bitaraplyk gününi yglan etmek hakynda 2017-nji ýylyň 2-nji fewralyndaky 71/275 hem-de halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi goldamakda we pugtalandyrmakda bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti hakynda 2020-nji ýylyň 7-nji dekabryndaky 75/28 Kararnamalaryna *salgylanyp,*

her bir döwletiň öz daşary syýasatyny halkara hukugyň kadalaryna we ýörelgelerine, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasyna laýyklykda garaşsyz kesgitlemäge özygtyýarly hukugyny *tassyklap,*

käbir döwletleriň milli bitaraplyk syýasatynyň degişli sebitlerde we ählumumy derejede halkara parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam berip hem-de dünýä ýurtlarynyň arasynda parahatçylykly, dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde möhüm orun eýeläp biljekdigini *aýratyn belläp,*

şeýle milli bitaraplyk syýasatynyň öňüni alyş diplomatiýasynyň ulanylmagyny goldamaga, şol sanda gapma-garşylyklaryň öňüni almak, ylalaşdyryjylyk, hoşniýetli hyzmatlary amala aşyrmak, gepleşikleri geçirmek, bu işe ýörite wekilleri çekmek, resmi däl geňeşmeleri geçirmek, parahatçylyk döredijilik we ösüş babatda maksada gönükdirilen işleri alyp barmak görnüşinde öňüni alyş diplomatiýasyny goldamaga gönükdirilendigini *beýan edip,*

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam berýändigini, sebitiň ýurtlary, dünýäniň beýleki döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmekde Türkmenistanyň eýeleýän işjeň we oňyn ornuny *ykrar edip,*

Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň ýolbaşçylygynda 1995-nji we 1996-njy ýyllarda Aşgabatda yzygiderli täjigara gepleşikleri kabul edýän tarap hökmünde başlangyçly çykyş edip, täjigara gepleşiklere goşan goşandyny, şeýle-de 1997-nji ýylda Owganystan boýunça halkara forumy we owganara gepleşikleri kabul edýän tarap hökmünde çykyş edip hem-de owganystanlylaryň ylalaşyk meseleleri boýunça inklýuziw dialog üçin Türkmenistanyň çägini ulanmagy teklip etmegini dowam etdirip, Owganystandaky gapma-garşylyklary kadalaşdyrmaga goşýan goşandyny *aýratyn belläp,*

Bitarap Türkmenistanyň Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde durmuş, ykdysady, medeni, ekologiýa hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlaryny *goldap,* hemişelik Bitaraplyk syýasatyna pugta eýermek hem-de her ýyl parahatçylygy we durnukly ösüşi gazanmagyň serişdesi hökmünde Bitaraplygyň ýörelgelerini, gymmatlyklaryny ilerletmäge bagyşlanan halkara maslahatlary geçirmek arkaly halkara parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga goşýan gymmatly goşandy üçin Türkmenistanyň Hökümetine hoşallygyny *beýan edip,*

«Bitaraplyk syýasaty we halkara parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmekde onuň eýeleýän orny» atly halkara maslahatyň 2020-nji ýylyň 12-nji dekabrynda kabul edilen Jemleýji resminamasyna *salgylanyp,* (Aşgabat Jemleýji resminamasy),

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2024-nji ýylyň 21-nji martyndaky 78/266 belgili Kararnama laýyklykda, 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegini, şeýle hem 2022-nji ýylyň 28-nji iýulyndaky 76/299 belgili Kararnama laýyklykda, Merkezi Aziýanyň parahatçylyk, ynanyşmak we hyzmatdaşlyk zolagy diýlip yglan edilmegini *goldap,*

2017-nji ýylyň 17-nji noýabryndaky 72/7, 2021-nji ýylyň 16-njy aprelindäki 75/272 we 2023-nji ýylyň 24-nji fewralyndaky 77/273 belgili Kararnamalara salgylanyp hem-de Merkezi Aziýanyň ähli döwletleriniň başlangyjy boýunça, halkara jemgyýetçiligiň goldamagynda 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda döredilen Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda ýakyn hyzmatdaşlygy höweslendirmek we şeýle hyzmatdaşlyga ýardam bermek, mümkin bolan gapma-garşylyklary ýüze çykarmak we aradan aýyrmak, sebitde durnukly ösüşi goldamak arkaly içerki we transmilli wehimlere täsir etmegiň hasabyna Merkezi Aziýa döwletlerine sebit meselelerini çözmäge ýardam bermekde möhüm orun eýeleýändigini *ykrar edip,*

Birleşen Milletler Guramasynyň adatdan daşary ynsanperwerlik kömegi babatda tagallalaryň birleşdirilmegini pugtalandyrmak boýunça ýolgörkeziji ýörelgelerine, şol sanda bitaraplyk ýörelgesine laýyklykda, sebitde çylşyrymly adatdan daşary ýagdaýlar we tebigy hadysalar ýüze çykanda, ynsanperwerlik kömegini bermekde hem-de ibermekde Bitarap Türkmenistanyň eýeleýän oňyn ornuny *ykrar edip,*

sebitiň ösüşine ýardam edýän özara baglanyşygy üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ykdysady we geoykdysady ugurlarynyň möhümdigini nygtap hem-de şunuň bilen baglylykda, Baş Assambleýanyň degişli Kararnamalarynda beýan edilişi ýaly, Türkmenistanyň energiýa serişdelerini durnukly üstaşyr geçirmek we ygtybarly üstaşyr ulag geçelgelerini ösdürmek boýunça başlangyçlaryny *goldap,*

1995-nji ýylyň 18 – 20-nji oktýabrynda Kolumbiýanyň Kartahena şäherinde geçirilen Goşulyşmazlyk Hereketine agza ýurtlaryň döwlet we hökümet Baştutanlarynyň 11-nji maslahatynyň Jemleýji resminamasynda Goşulyşmazlyk Hereketine agza ýurtlaryň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini goldandyklaryny *belläp,*

şeýle hem Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasyna agza ýurtlaryň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny goldaýan we halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek hem-de pugtalandyrmak işinde bitaraplyk syýasatynyň ornuny nygtaýan Kararnamalaryny *belläp,*

1. Türkmenistanyň yglan eden hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesini pugta goldaýandygyny gaýtadan beýan edýär;

2. Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleri Türkmenistanyň bu hukuk derejesine hormat goýmaga we goldamaga hem-de onuň Garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna, çäk bitewüligine hormat goýmaga gaýtadan çagyrýar;

3. Gapma-garşylyklary kadalaşdyrmak, şol sanda olary ýörite ylalaşdyryjy merkezleri döretmek arkaly kadalaşdyrmak boýunça parahatçylykly gepleşikleri geçirmek üçin bitarap ýurtlaryň çäklerini netijeli ulanmagy maslahat berýär hem-de Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda öz çäginde Parahatçylygyň bähbidine ylalaşdyryjy merkezi döretmek barada agza döwletleriň we BMG-niň ulgamynyň baha bermegini talap edýän teklibini belleýär;

4. 2020-nji ýylyň awgustynda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça döredilen hem-de gapma-garşylyklaryň öňüni almak, olaryň düýp sebäplerini we netijelerini aradan aýyrmak, ynsanperwer meseleleri çözmek hem-de halkara gatnaşyklarda bitaraplygy ilerletmek üçin giň köptaraplaýyn dialogy goldamak boýunça Bitaraplygyň dostlary toparynyň ministrler derejesinde geçirilen ilkinji duşuşygynda kabul edilen Jemleýji jarnamanyň esasynda hereket edýän parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary – resmi däl toparynyň işini belleýär;

5. Baş sekretardan agza döwletler we beýleki degişli taraplar bilen maslahatlaşyp, bar bolan serişdeleriň çäklerinde hem-de toplanan tejribäni we halkara gatnaşyklarda bitaraplygy netijeli ulanmagyň esasy ýörelgelerini umumylaşdyrmaga aýratyn üns berip, parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine bitaraplyk ýörelgelerini berjaý etmek hem-de amala aşyrmak boýunça gollanmany işläp taýýarlamagy haýyş edýär;

6. Türkmenistanyň Hökümetiniň 2025-nji ýylyň dekabrynda öz ýurdunda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna (2025-nji ýyl), Halkara Bitaraplyk gününe hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara forumy geçirmek baradaky çözgüdini goldaýar;

7. «Parahatçylyk döredijilik we parahatçylygy goldamak» atly bendiň çäklerinde 80-nji sessiýanyň deslapky gün tertibine «Parahatçylygyň we howpsuzlygyň bähbidine bitaraplyk» atly kiçi bendi girizmek barada karar edýär.

## GOWAÇA EKIŞINE BADALGA BERILDI

***26-njy martda tutuş ýurdumyz boýunça möhüm oba hojalyk möwsümine – gowaça ekişine badalga berildi. Döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygyna laýyklykda, Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynyň ekerançylary ekişe köpçülikleýin girişdiler.***

20-nji martda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda 26-njy martda gowaça ekişine başlamaga ak pata berip, hormatly ýaşulularymyzdan gowaça ekişine «bismilla» bilen başlap bermeklerini haýyş etdi we edermen pagtaçy babadaýhanlara, ähli oba hojalyk işgärlerine işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi. Halkymyzyň asylly däbine görä, il sylagly ýaşulular Beýik Biribardan halkymyzyň abadançylygyny, Watanymyzyň gülläp ösmegini, hormatly Prezidentimiziň döwletli tutumlarynyň rowaç bolmagyny dileg edip, ekin meýdanlaryna ilkinji gowaça tohumlaryny atdylar. Soňra ýaşulular bu işi mehanizatorlara geçirdiler.

Şu gezekki ekiş möwsüminde dürli kysymly traktorlar, dünýäde öňdebaryjy «John Deere» kompaniýasyndan satyn alnan we telematik sanly ulgam arkaly enjamlaşdyrylan tehnikalar, ekişiň bökdençsiz alnyp barylmagyny üpjün edýän, soňky



agrotehniki çäreleri geçirmäge niýetlenen ekiji gurallar, gowaça kultiwatorlary peýdalanylar. Ýerlerde tehnikalara gije-gündizleýin abatlaýyş hyzmatyny ýola goýmak, mehanizatorlaryň, beýleki ekişe gatnaşýanlaryň öndürijilikli zähmet çekmekleri, mynasyp dynç almaklary üçin zerur şertler döredildi. Etraplaryň we daýhan birleşikleriniň çäklerinde hereket edýän biobarlaghanalar täze oba hojalyk möwsümine taýýarlanyldy. Olar ekerançylary gowaça zyýan berijilere garşy ulanylýan, ekologik taýdan arassa, ykdysady taýdan bähbitli bioönümler bilen üpjün eder.

Ekiş möwsüminiň öňüsyrasynda welaýatlaryň birnäçe daýhan birleşiklerinde oba hojalygyny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak, pudagyň okgunly ösüşini, ýokary düşewüntliligini, oba hojalyk önümleriniň möçberiniň artdyrylmagyny üpjün etmek meselelerine bagyşlanan okuw maslahatlary geçirildi.

Ekiş möwsüminiň başlanmagy mynasybetli guralan dabaralaryň çäklerinde oba hojalyk tehnikalarynyň, gaýtadan işleýän kärhanalarda öndürilýän önümleriň sergileri guraldy. Welaýatlaryň aýdym-saz, folklor-tans toparlarynyň çykyşlary pagtaçy kärendeçiler üçin ajaýyp döredijilik sowgady boldy.

## ORAZA BAÝRAMY – AGZYBIRLIGIŇ BAÝRAMY

***Hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, her ýyl ýurdumyzda Oraza baýramy döwlet derejesinde giňden bellenilip geçilýär.***

Halkymyzyň haýyr-sahawatlylygyny, ynsanperwerligini has-da aýdyňlaşdyrýan mübärek aýlaryň biri hem Oraza aýydyr. Ynsanperwerligi, hoşniýetliligi, dost-doganlygy, päkligi ebedi ýol-ýörelge edinen türkmen halky beden we ruhy taýdan päklenmegiň keremli aýy hökmünde mukaddes Oraza aýyna aýratyn sarpa goýýar.

Oraza aýy halkymyzda sahawatyň we kanagatyň, halallygyň we haýyrly işleriň aýy hökmünde derejelenýär. Aýlaryň serweri bolan mukaddes Oraza aýynda agyz bekläp, kalbyňy, ruhuňy tämizlemek Beýik Allanyň öz eziz gören adamlaryna sahawaty, haýyr-sogaby bagyş etmeginiň alamatydyr.

Oraza tutmagyň ynsanyň beden we ruhy taýdan sagdynlygyna ýetirýän täsiri, ähmiýeti, Oraza baýramynyň biziň döwletimizde bellenilişi we bu aý bilen baglanyşykly beýleki däp-dessurlar barada Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly kitabynda hem gyzykly maglumatlar bar.

Bu kitapda Oraza aýy we onuň ähmiýeti Kurany Kerimiň aýatlaryna, Muhammet pygamberiň hadyslaryna, Magtymguly Pyragynyň goşgy setir-



lerine salgylanyp, düşnükli we täsirli dilde, ygtybarly ylmy maglumatlar esasynda beýan edilýär. Mübärek aýyň başlanmagy bilen hormat-sylagyň artmagy, tutuş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny pugtalandyrýar diýlip bellenýär.

Remezan aýynyň iň ähmiýetli gijeleriniň biri Gadyr gijesidir. Kurany-kerimde «Gadyr gijesi müň aýdan hem haýyrlydyr» diýilmegi, bu gijäniň gadyr-mertebesiniň uludygyny görkezýär. ■ 2

## Bitaraplyk – belent buýsanjymyz



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri beýik ösüşlere beslenýär, şanly wakalar bilen dabaralanýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň taryhy wakalarynyň ýene-de biriniň şaýady bolduk. 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi türkmen diplomatiýasynyň nobatdaky üstünligi bolup, şol bir wagtda türkmen Bitaraplygynyň dünýäde dabaralanýandygynyň nobatdaky subutnamasy boldy. ■ 3

## Ynsanperwerlik ýörelgeleri dowam etdirilýär



**Hormatly Prezidentimiziň «Halkymyzyň saglygyny goramak, ýurdumyzyň abadançylygyny gazanmak biziň iň uly maksadymyzdyr» diýip belleýşi ýaly, il saglygy bagtyýar durmuşyň berk binýadydyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda dünýä derejesinde sagdynlygy we abadançylygy üpjün etmek, adamlaryň saglygyny, beden hem ruhy taýdan sazlaşykly ösüşini gazanmak, daşky gurşawyň arassalygyny gorap saklamak, saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek meselelerinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň, Çagalar gaznasynyň, Ilat gaznasynyň saglygy goraýyş, ilat we ösüş ugrundaky umumy strategiýalary goldanylýar we bilelikdäki taslamalardyr maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.** ■ 3



## MARIANA çöketligine goýberildi

Hytaýly alymlar Ýeriň iň çuň ýeri hasaplanýan Mariana çöketligine aşa güýçli basyşa çydamly suwasty robot goýberdiler. 4



## WULKAN nädip atylýar?

Tebigatda bolup geçýän täsin hadysalar irki asyrlardan bäri adamlaryň ünsüni özüne çekip gelýär. Şeýle hadysalaryň biri hem wulkanyň atylmagydyr. Wulkan adalarda we ada ýurtlarynda has köp atylýar. 5




## UEFA Milletler Ligasynda ýarym finala çykanlar belli boldy

UEFA Milletler Ligasynda ýarym finala çykanlar, şol sanda pleý-off duşuşyklaryndan soň haýsy toparlaryň haýsy ligada çykyş etjekdigi belli boldy. 6

## Suw festiwaly geçiriler

Ýaşaýşyň çeşmesi hasaplanýan suwa uly sarpa goýulýar. Köp milletlerde suw bilen bagly yrym-ynançlar, däp-dessurlar bar. Tailandda bolsa, her ýylyň aprel aýynda suw festiwaly geçirilýär. «Songkran» atly bu dabara üç gün dowam edýär. Bu festiwalda suw bilen bagly birnäçe çäreler geçirilip, olaryň iň gyzyklysy adamlaryň biri-birleri bilen suw sepişmegidir. Bu çärä daşary ýurtly myhmanlar hem uly gyzyklanma bildirýärler. Ýurduň syýahatçylyk pudagynyň ýolbaşçylary bu ýylky festiwala gatnaşýan daşary ýurtly myhmanlardan has köp girdejä garaşýandyklaryny mälim etdiler. Bu döwürde ýurda 470 müň daşary ýurtly syýahatçynyň gelmegine garaşylýar. 13-15-nji aprel aralygynda geçiriljek festiwalda her gün 120 müň töweregi ýolagçynyň şäherara gatnawdan peýdalanjakdygy çaklanylýar.



Bu baýramçylyk 2023-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilipdi.

**Ogulkeýik ÝOLLYÝEWA,**
*Ak bugdaý etrabyndaky ýöriteleşdirilen 20-nji çagalar bakja-bagynyň müdiri.*

## Täze jandarlar tapyldy

Portugaliýaly alymlar Antarktikada ylmy barlaglary geçirýän mahaly äpet buz böleginiň döwülmegi netijesinde buzasty suwy ýakyndan öwrenmäge mümkinçilik aldylar. «Falkor» atly gäminiň ekipažy uzynlygy 30 kilometre barabar bolan äpet buzuň döwülmegi bilen onuň aşagyndaky suwuň çuňluklaryny barladylar. Mundan ozal bu ýerde hiç hili ylmy-barlag geçirilmändir. Uzakdan dolandyrylýan enjamlar bilen geçirilen gözlegleriň netijesinde, ol ýerde äpet deňiz möýleriniň, osminoglaryň, aşa sowuk suwda ýaşaýan balyklaryň, merjenleriň we beýleki jandarlaryň bardygy anyklanyldy. Olaryň arasynda küýze şekilli jandar hem bar. Portugaliýanyň Aweýru uniwersitetiniň ylmy işgäri Patrisiýa Sketç ol ýerdäki baý ekoulgamy görenlerinde örän haýran galandyklaryny belleýär. Alymlar ylmy barlagy dowam etjekdiklerini we jandarlaryň täze görnüşleriň tapylyp bilinjekdigini belleýärler.



**Aýsoltan URAÝEWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň mugallymy.*

## Piramidalaryň astyndaky şäher

Italýan alymlary Müsürdäki Hefren piramidasynyň 700 metr astynda suw ulgamyny we ýerasty gurluşlary tapdylar. Radar tehnologiýasy bilen geçirilen barlaglar ýeriň aşagynda uly şäheriň galyndylarynyň saklanyp galan bolmagynyň mümkindigini görkezýär. Italýan bilermenleri bu gurluşlaryň üç ölçegli kartasyny taýýarladylar. Italiýanyň Pisa uniwersitetiniň professory Korrado Malanga bu suratlary geljekde ulaldyp, ýerasty gurluşlaryň hakyky şäherdigini ýüze çykarjakdyklaryny belledi. Alymlar Hefren piramidasynyň aşagyndaky dik sütünleriň we äpet otaglaryň piramidalaryň saklanyp galmagynda täsirli bolup biljekdigini belleýärler.



**Röwşen MODYÝEW,**
*TMÝG-nyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Energiýa bolan isleg ýokarlandy

Geçen ýyl elektrik energiýasynyň sarp edilişiniň artmagy bilen energiýa serişdelerine bolan isleg global derejede 2,2 göterim artdy. Bu görkezijiniň soňky 10 ýyldaky ortaça artyşdan ýokarydygy mälim edildi. 2013-2023-nji ýyllar aralygynda energiýa serişdelerine bolan isleg ýylda ortaça 1,3 göterim ýokarlanypdyr. Geçen ýyl elektrik energiýasyna bolan zerurlygyň artan böleginiň gaýtadan dikeldilýändigi we tebigy gazdan alnandygy mälim edildi. Bu barada Halkara energiýa agentliginiň maglumatynda beýan edilýär. Maglumatda elektrik energiýasyna bolan isleg, önümçilik, täze tehnologiýalar we energiýa pudagynda uglerodyň howa goýberilişi barada jikme-jik maglumatlar bar. Dünýädäki elektrik energiýasynyň sarp edilişi 2024-nji ýylda 4,3 göterim ýokarlanypdyr. Bu görkeziji 2013-2023-nji ýyllar aralygyndakydan iki essä golaý artyş diýmegi aňladýar.



**Muhammetberdi ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

## Ýewropanyň iň uly taslamasy

Daniýanyň günortasynda Ýewropanyň iň uly desgasynyň gurluşygy dowam edýär. Bu ýerde Baltika deňziniň astyndan geçip, Germaniýa bilen Daniýany birikdirjek suwasty geçelge gurulýar. Tunnelden awtoulag hem-de demir ýol geçer. Uzynlygy 18 kilometr boljak «Fehmarnbelt» geçelgesini Britaniýa bilen Fransiýanyň aralygyndaky uzynlygy 50 kilometr bolan Ýewrotunnel bilen deňeşdirip bolmaz, ýöne bu tunnel suwuň has aşagyndan geçýändigi bilen tapawutlanýar. 40 metr çuňlukda gurulýan ötük Baltika deňzinde Daniýanyň Lolland hem-de Germaniýanyň Fehmarn adalaryny birikdirer. Bu tunnelde iki taraplaýyn demir ýol hem-de dört zolakly awtoýol bolar. Skandinawiýa bilen Merkezi Ýewropa döwletlerini birikdirjek taslamanyň bahasynyň 7 milliard ýewrodygy mälim edildi. Tunnelden otlular 7 minutda, awtoulaglar 10 minutda geçer. Taslamanyň 2029-njy ýylda tamamlanmagyna garaşylýar.



**Olga BUKINA,**
*Aşgabat şäher medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Neşirleri toplamak we işlemek bölüminiň müdiri.*

## ORAZA BAÝRAMY – AGZYBIRLIGIŇ BAÝRAMY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Oraza aýynyň 26-syndan 27-sine geçilýän gije Gadyr gijesi hasaplanýar. Gijäniň ady «Laýlat al-Kadr» sözünden gelip çykyp, türkmen dilinde «perman, sogap» diýen manyny berýär. Mahlasy, Gadyr gijesi Gurhanyň ilkinji aýatlarynyň Ýere inen iň sogaply gijesidir.

Remezanyň Arşdan Zemine sogap nury ýagýan gijesi – Gadyr gijesi külli musulmanyň durmuşynyň mübärek pursatlarydyr. Müň aýdan haýyrly saýylýan Gadyr gijesinde ýagşy dilegler edip oturmagyň özi-de ynsanlaryň kalbyna nur çaýýar, birek-birege ýakynlaşdyrýar. Bu gijede berjaý edilen ybadatyň, haýyr-sahawatyň sogaby beýleki müň aýyň dowamynda edilen ybadatlaryň, haýyr-sahawatlaryň sogabyndan üstündir. Şonuň üçin hem her bir ynsan ýakynlarynyň, il-günüň, Watanyň abadanlygynda iň ýagşy günleriň ýaran bolmagyny dileg edýär.

Döwlet Baştutanymyz asylly däbe eýerip, iş kesilen 321 raýatyň mübärek Gadyr gijesi mynasybetli günäsini geçmek hakynda Permana gol çekdi. Döwlet Baştutanymyz günäsi geçilen adamlara yhlasly zähmet çekip, eziz Watanymyza ak ýürekden hyzmat edip, halal zähmetiň hözirini görüp ýaşamaklaryny arzuw etdi.

Oraza baýramy Remezan aýynyň tamamlanandygyny aňladýar. Oraza baýramy Şewwal aýynyň hem birinji güni hasaplanýar we şol gün agyz beklenmeýär. Oraza baýramynyň ilkinji gününde metjitlerde adamlar baýram namazyny okaýarlar.

Şol gün giňden saçak ýazylyp, birek-birege myhman barlyp, goňşulara tagam hödürlenýär, sowgat berilýär. Ruhubelentligiň, şatlygyň, agzybirligiň we abadançylygyň nyşany bolan bu gün bilelikde baýram edilýär. Bagtyýarlyga beslenen ýurdumyzyň her bir ojagynda asmanymyzyň arassa, ilimiziň abadan, hormatly Prezidentimiziň halk bähbitli alyp barýan işleriniň hemişe rowaç bolmagy dileg edilýär. Goý, şeýle päk arzuw-niýetler Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!



**Arzuw GYLYJOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## ARKADAG ŞÄHERI – BAGTYÝARLYGYŇ MEKANY

Ady, şöhraty dünýä dolan ilimiz parahat Watanyna, asuda durmuşyna, il-ýurduny baky bagta ýetiren Gahryman Arkadagyna, Arkadagly Gahryman Serdaryna guwanýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly şygary bilen dabaralanýan bu ýylda mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk, hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk toýuny toýlamak, şanly baýramlary täze zähmet üstünliklerine beslemek üçin her bir raýat öz ornunda joşgunly zähmet çekýär. Agzybirlikli çekilýän zähmet bolsa ösüp-özgerýän eziz Diýarymyzyň at-abraýyny has-da belende galdyrýar.
Şu taryhy döwürde ýurdumyzyň şäherdir obalaryny özgertmek ýolunda hem uly işler alnyp barylýar. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 12-nji martynda Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen Aşgabat şäheriniň 65 gektar ýeri Arkadag şäheriniň dolandyryş çägine geçirildi. «Akylly» şäheriň dolandyryş çäginiň artdyrylmagy onuň ösüşinden, özgertmelerinden habar berýär.

Sebitde deňi-taýy bolmadyk Arkadag şäheri Gahryman Arkadagymyzyň öwüt-ündewleri, parasatly tabşyryklary bilen «akylly» şäher konsepsiýasy esasynda şäher gurşawyny has-da artdyrýar. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda badalga berlen täze şäheriň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilýän desgalar ajaýyp binagärlik keşbine eýe bolýar. Ulanylýan iň täze tehnologiýalar döwrebap binagärligiň nusgasy bolmak bilen bitewi ulgamy döredýär.

Arkadag şäheriniň Köpetdagyň eteginde ekologiýa taýdan iň arassa künjekde ýerleşmegi saglyk üçin amatly, arassa howaly ýaşaýyş gurşawyny döredýär. Munuň özi şäheriň döwrebaplygyny, ösen tehnologiýalary, ýaşaýyş üçin ähli mümkinçilikleri we şertleri özünde jemleýändigini görkezýär. Hut şonuň üçin hem «akylly» şäher günsaýyn giňemek we kämilleşmek bilen onuň bag-bakjaly, güller ekilen giň şaýollary barha uzaýar.



**Myhman ŞAKIRJANOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň Raýat goranyşy fakultetiniň talyby.*

## ARŞYŇ NEPISLIGI – TÜRKMEN HALYSY

Halyçylyk türkmen halkynyň amaly-haşam sungatynyň has gadymy görnüşleriniň biri hasaplanýar. Halyçylyk sungaty öz gözbaşyny gadymy geçmişiň jümmüşinden alyp gaýdýar. Baryp 5 müň ýyl mundan ozal türkmen halylarynyň dokalandygy äşgär edildi.



Halyçylyk sungatynyň halkymyzyň dünýägaraýşyny, taryhyny, häzirki döwrüne buýsanjyny, nurana geljek baradaky ajaýyp arzuwlaryny özünde jemleýändigini bellemek gerek. Nepislik bilen dokalýan haly gölleriniň ýurdumyzyň Döwlet nyşanlarynyň esasy bezegine öwrülmeginde çuňňur many bar. Şu nukdaýnazardan milli halylarymyzy giňden wagyz etmäge hem uly mümkinçilikler döredilýär.

Buharest şäherindäki Rumyn daýhanlarynyň milli muzeýinde Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli «Arşyň nepisligi – türkmen halysy» atly haly sergisi geçirildi. Sergide edilen çykyşlarda türkmen halylarynyň hemişe ýokary sungat gymmatlygyna we nepis öwüşgine eýe bolan ajaýyp önümler hökmünde uly islegden peýdalanyp gelnendigi nygtaldy.

Türkmen halylaryny dokamakda esasy ulanylýan serişde saryja goýnuň ýüňüdir. Haly dokamak üçin ýaz gyrkymynyň has uzyn, nepis we ýylpyldyly ýüňi saýlanyp alnypdyr. Halyçylar tebigy reňkleri ýerli ösümliklerden alypdyrlar. Iki tarapy hem bezelen halylar ussat türkmen gelin-gyzlarynyň elinden çykýar. Ikitaraplaýyn halylary dokamagyň çylşyrymlydygy sebäpli, olar giňden ýaýran däldir. Bu haly dokalanda dykyzlygy näçe ýokary boldugyça şekiller göwnejaý, owadan we aýyl-saýyl görünýär. Umuman kejebelik haly, namazlyk halysy, asmalyk haly, horjun haly, ümür-duman halysy, gapylyk haly, çuwallar, torbalar öýüň özboluşly bezegidir.

**Hurmagül MUHAMMEDOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## «ZEHINLI ÝAŞ MATEMATIKLER» ATLY BÄSLEŞIK GEÇIRILDI

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ylym-bilim ösdürilýär, ýaşlara döwrebap bilim berilýär we bilim ulgamyny halkara derejä çykarmaga, mynasyp ýaş nesilleri terbiýelemäge örän uly ähmiýet berilýär.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, kämil nesli kemala getirmek, ýaşlary ylma çekmek we zehinli ýaşlary ýüze çykarmak boýunça öňde goýan wezipelerini ýerine ýetirmek maksady bilen, Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde 5-25-nji mart aralygynda ýurdumyzyň orta mekdepleriniň 11-12-nji synp okuwçylarynyň arasynda matematika dersi boýunça «Zehinli ýaş matematikler» atly bäsleşik geçirildi.

Bu bäsleşik iki tapgyrda geçirildi. Onlaýn görnüşinde geçirilen I tapgyrda okuwçylar orta mekdepleriň okuw maksatnamasynyň esasynda işlenip taýýarlanan ýumuşlary test görnüşinde çözdüler. Bäsleşigiň I tapgyryna ýurdumyzyň welaýatlaryndan we Aşgabat, Arkadag şäherlerinden jemi 675 okuwçy gatnaşdy. Bu tapgyryň netijesi boýunça 100 okuwçy 25-nji martda Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetinde bäsleşigiň II tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazandy. II tapgyra gatnaşan okuwçylaryň ýerine ýetiren ýumuşlarynyň netijeleri emin agzalary tarapyndan seljerildi we ýeňijiler yglan edildi. Ýeňijilere 1-nji, 2-nji we 3-nji derejeli diplomlar gowşuryldy.



**Rahym GULYÝEW,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

## ÝAŞLARYŇ JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY IŞJEŇLIGI ÝOKARLANDYRYLÝAR

Ýaş nesiller, olaryň sazlaşykly ösüşi we saglygy, mynasyp bilim-terbiýe almaklary, saýlap alan hünärine eýe bolmaklary, ylym we döredijilik, bedenterbiýe, sport bilen meşgullanmaklary üçin zerur şertleriň döredilmegi baradaky alada ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Häzirki wagtda eziz Diýarymyzda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty üstünlikli amala aşyrylýar. Okamak we öwrenmek, sport bilen meşgullanmak, döredijilikli we yhlasly zähmet çekmek bilen, eziz Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşmak bagtyýar nesillerimiziň baş maksady bolup durýar. Munuň özenini Esasy Kanunymyzda berkidilen kadalar emele getirýär. Konstitusiýamyzyň 40-njy maddasynda: «Döwlet ýaşlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň amala aşyrylmagy üçin şertleri döredýär we olaryň hemmetaraplaýyn ösüşine ýardam edýär» diýlip bellenilendir.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli göz öňünde tutulan çäreleriň meýilnamasyny ýerine ýetirmek maksady bilen, ýurdumyzyň wekiliýetiniň 15 – 17-nji aprelde ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherinde geçiriljek BMG-niň Ykdysady we Durmuş geňeşiniň ýaşlar forumynyň işine gatnaşmagy, şeýle hem onuň çäklerinde 16-njy aprelde Türkmenistanyň başlangyjy bilen döredilen Merkezi Aziýanyň ýaşlarynyň dialogynyň ikinji duşuşygyny guramak meýilleşdirilýär. Şunuň bilen birlikde, maý aýynda BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysynyň wekilhanasy bilen bilelikde Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň ýaş hünärmenleriniň arasynda sebitleýin hyzmatdaşlygy berkitmek we hünär başarnyklaryny kämilleşdirmek maksady bilen, Merkezi Aziýanyň ýaş diplomatlary we döwlet gullukçylary üçin sebitleýin okuw maslahaty hem guralar. Şeýle hem BMG-niň agentlikleri tarapyndan ýaşlaryň we ýetginjekleriň ösüşine, olaryň başarnyklaryny kämilleşdirmäge ýardam bermäge, halkara we sebit derejesinde geçirilýän çärelerde olaryň wekilçiligini giňeltmäge gönükdirilen 2025 – 2027-nji ýyllar üçin «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» atly bilelikdäki maksatnamanyň taslamasy işlenip taýýarlanar. Bular barada 20-nji martda geçirilen sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisinde giňişleýin bellenip geçildi.



Ýaşlaryň jemgyýetçilik-syýasy işjeňligini ýokarlandyrmak, olaryň döwrebap bilim almagy, hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi üçin giň mümkinçilikleri döretmek, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. BMG-niň «Ýaşlar – 2030» strategiýasynyň maksatlaryndan we wezipelerinden ugur alnyp, «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy, «Türkmenistanyň ýaşlarynyň halkara hyzmatdaşlygynyň 2023 – 2030-njy ýyllar üçin Strategiýasy» tassyklanyldy. Olary durmuşa geçirmegiň çäklerinde, şeýle hem BMG bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de işjeňleşdirmek babatda çäreleriň ähmiýeti örän uly bolar.

Ýaşlara okamaga, öwrenmäge, döredijilik hem-de sport bilen meşgullanmaga giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, başlarynyň dik bolmagyny, işleriniň rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw edýäris.

**Bakygeldi NURYÝEW,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymy.*

## TÜRKMENISTAN – ÝB: HYZMATDAŞLYGYŇ OŇYN NUSGASY

Ýurdumyzda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça Ýewropa Bileleşigi bilen ulgamlaýyn esasda gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berilýär. Netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek maksady bilen, «Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi» bilelikdäki komitetiniň, «Ýewropa Bileleşigi – Merkezi Aziýa» görnüşindäki gatnaşyklaryň, «Türkmenistan – Ýewropa Bileleşigi» parlamentara dialogynyň çäklerinde oňyn gatnaşyklar ýola goýuldy.



ÝB bilen nebit-gaz, elektroenergetika we gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri ugurlarynda, şeýle hem ulag we aragatnaşyk pudagynda ikitaraplaýyn we sebit gatnaşyklarynyň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär.

Ýurdumyzyň Ýewropa Bileleşigi bilen howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygy boýunça hyzmatdaşlygy hem barha pugtalandyrylýar.

27-nji martda Ýewropa Bileleşiginiň daşary işler we syýasy howpsuzlyk boýunça Ýokary wekili, Ýewropa komissiýasynyň wise-prezidenti Kaýa Kallasyň Aşgabada saparynyň çäklerinde geçirilen gepleşiklerde ýakyn günlerde Özbegistanyň Samarkant şäherinde geçiriljek «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» sammitine taýýarlyk meseleleri we onuň gün tertibi boýunça pikir alşyldy. Ýakyn wagtda geçiriljek «Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi» ilkinji taryhy sammiti özara gatnaşyklaryň taryhynda täze sahypany açar.

**Merdan AGALYÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Täze açyşlarda kompýuter tehnologiýasy öňde

Geçen ýyl Ýewropa patent ofisine (EPO) tabşyrylan ýüztutmalar barada maglumat berildi. EPO 2024-nji ýylda bütin dünýäden jemi 199 müň 264 patent üçin ýüztutma kabul edendiklerini mälim etdi. Bu görkezijiniň 2023-nji ýyldaky bilen deňdigi habar berildi. Iň köp ýüz tutan ýurtlaryň arasynda degişlilikde, ABŞ, Germaniýa, Ýaponiýa, Hytaý we Koreýa Respublikasy öňdäki orunlary eýeläpdir. Amerikaly oýlap tapyjylar 47 müň 787 patent tabşyrypdyrlar. Bu bolsa ähli patentleriň 24 göterimini emele getirýär. Ikinji orundaky Germaniýadan 25 müňden gowrak (12,65%) ýüztutma kabul edilipdir. Hytaý ilkinji gezek täze açyşlar üçin ýüz tutan ýurtlaryň arasynda öňdäki orunlara giripdir.




Ýylyň dowamynda kompýuter tehnologiýasyna degişli 16 müň 815 ýüztutma berlipdir. Şeýlelikde, bu ugruň iň köp açyş edilýän işjeň ugur bolmagynda galýandygy bellenilýär. Elektrikli enjamlar we maşynlar, sanly aragatnaşyk, lukmançylyk tehnologiýasy we ulag ulgamy iň köp açyş edilen ugurlar bolupdyr.

**Gunça KIÇIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Howa taksileriniň hyzmaty ýola goýlar

ABŞ-nyň «Joby Aviation» kompaniýasy elektrik energiýasy bilen işleýän taksileriň hyzmatyny ýola goýmagy maksat edinýär. Munuň üçin kosmos pudagynda iş alyp barýan «Virgin Atlantic» bilen hyzmatdaşlyk eden kompaniýa bu hyzmaty Angliýada ýola goýar. Dikligine uçup hem gonup bilýän ulaglary işläp taýýarlaýan kompaniýa ilkinji synag uçuşyny geljek ýylyň başynda Dubaýda amala aşyrar. Şeýle hem ABŞ-nyň Nýu-Ýork we Los-Anjeles şäherlerinde täjirçilik maksatly uçuşlaryň ýola goýulmagy maksat edinilýär.




2021-nji ýylda esaslandyrylan «Joby Aviation» Angliýada ilki howa menzillerinde hyzmat eder. Kiçi göwrümli taksiler Mançester howa menzilinden Lids şäheri aralygynda ýolagçy gatnadar. Uçuşyň dowamlylygy 15 minut bolar. Şeýle hem Londonyň Hitrou howa menzili bilen şäheriň gündogaryndaky Kaneri Warf etraby aralygynda 8 minutlyk gatnaw ýola goýlar.

**Umyt KAKABAÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## ÜNS BERIŇ, BÄSLEŞIK!

Ýurdumyzyň zehinli ýaşlaryny ýüze çykarmak maksady bilen, Ylymlar güni mynasybetli «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy we Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan döredijilik bilen meşgullanýan orta hünär we ýokary okuw mekdepleriniň talyp ýaşlarynyň arasynda «Talyp ylhamy» atly döredijilik bäsleşigi yglan edilýär. Bäsleşigiň maksady ýaşlaryň döredijilik ukyplaryny kämilleşdirmekden, olary milli ruhly, döwrebap eserleri döretmäge höweslendirmekden ybaratdyr.

**BÄSLEŞIGIŇ ŞERTLERI WE GEÇIŞ TERTIBI:**

- ☑ bäsleşik talyp ýaşlaryň arasynda yglan edilýär.
- ☑ bäsleşik gysga hekaýa (erkin temada) ýazmak boýunça geçirilýär.
- ☑ bäsleşige hödürlenýän hekaýalar gysga bolmaly we Word formatynda ugradylmaly.
- ☑ bäsleşige gatnaşyjylar eserlerini «Talyp ylhamy» döredijilik bäsleşigine» diýen ýazgy bilen, özleri baradaky maglumatlary (adyny, familiýasyny, okaýan okuw mekdebini, näçenji ýyl talypdygyny we telefon belgisini) ýazyp, «Zaman-Türkmenistan» gazetiniň elektron poçtasyna ibermeli;
- ☑ bäsleşige hödürlenen eserler 1-nji aprelden 31-nji maý aralygynda kabul ediler we eserleriň iň gowulary eminler topary tarapyndan kesgitlener.

**BÄSLEŞIGI JEMLEMEGIŇ TERTIBI:**

- ☑ bäsleşik Ylymlar gününe bagyşlanyp jemlener.
- ☑ bäsleşikde 1 sany baş baýrak;
  1 sany 1-nji orun;
  2 sany 2-nji orun;
  3 sany 3-nji orun;
  şeýle hem höweslendiriji baýraklar bellenilen.
- ☑ bäsleşigiň guraýjylary tarapyndan ýeňijilere Hormat hatlary we dürli sowgatlar gowşurylar.

**Biziň salgymyz:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar köçesi), 10-A jaýy.
**E-mail salgysy:** zamanturkmenistan@sanly.tm
**Habarlaşmak üçin telefon belgiler:**
«Zaman-Türkmenistan» gazetiniň redaksiýasy: 28-14-05, 28-14-36.
Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşi: 44-89-99, 44-88-81.

## KITAP – RUHY GYMMATLYK

Kitap – ruhy gymmatlyk, hiç bir zat bilen çalşyp bolmaýan baýlyk. Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň ylmy, çeper publisistik kitaplary ýaşlar üçin edep-terbiýe mekdebidir, halkymyzyň taryhynyň we milli özboluşlylygynyň çeper beýanydyr. Çeperçilik babatda gül-çemenli bossany, ündelýän pähim-parasat babatda ümmülmez ummany ýatladýan bu ajaýyp eserler giň okyjylar köpçüligine niýetlenendir.

Ýakynda Malaýziýanyň Sanweý uniwersitetinde hormatly Prezidentimiziň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitabynyň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi. Bu barada Türkmenistanyň DIM-niň resmi saýtynda habar berildi.

Çäre Türkmenistanyň Malaýziýadaky ilçihanasy tarapyndan guralyp, oňa Sanweý uniwersitetiniň professor-mugallymlary, şeýle hem bu ýokary okuw mekdebinde bilim alýan türkmen talyplary gatnaşdylar.

Çäräniň ahyrynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Magtymguly – dünýäniň akyldary» atly kitaby Sanweý uniwersitetiniň kitaphana gaznasyna gowşuryldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu kitabynda beýik söz ussadynyň edebi mirasy, dünýä edebiýatyna goşan ägirt uly goşandy, şahyryň ýubileý toýy bilen bagly ýurdumyzda we dünýäde geçirilen çäreler giňden beýan edilýär.




**Muhammetnazar NAZAROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN
ESASLANDYRYJYSY – «ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI
Mart aýynyň 28-i, 2025
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-116008
Belgisi: 13/1631
Tiražy: 8235
Bahasy: 4,50 manat
BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**
BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm
**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.
Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477
Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BITARAPLYK – BELENT BUÝSANJYMYZ

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Berkarar döwletimiziň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy uly ösüşleriň, üstünlikleriň gözbaşy bolup durýar. Ata Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygy ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklaryny, özara hyzmatdaşlygy ösdürmekde aýratyn möhüm orna eýedir. Garaşsyz Diýarymyz hemişelik Bitaraplyk, parahatçylyksöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk ýörelgelerine eýerip, halkara derejede uly abraýa eýe bolýar. Munuň özi ösüşler hem özgerişler ýoly bilen öňe barýan, halkara hyzmatdaşlykda işjeň syýasaty durmuşa geçirýän berkarar döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň, Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň eşretli, bagtyýar durmuşy, ýurdumyzyň has-da gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan beýik işleriniň ajaýyp miwesidir.



Üstümizdäki ýylda ata Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk ýagdaýynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegine 30 ýyl dolýar. BMG-niň Baş Assambleýasynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama Milletler Bileleşigine şol wagtky agza ýurtlaryň 185-si tarapyndan ilkinji gezek kabul edildi. Hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 20 ýyllygy bellenilen Bitaraplyk we parahatçylyk ýylynda, ýagny 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama 193 döwletiň biragyzdan goldamagynda ikinji gezek kabul edildi we şunuň bilen Bitaraplyk syýasatymyz has-da berkidildi. 2017-nji ýylda Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni hökmünde yglan etdi. Bitaraplyk baýramynyň halkara derejä eýe bolmagy bütin dünýäde parahatçylyksöýüjilikli syýasatymyzyň dabaralanýandygynyň nobatdaky güwäsi boldy.

Ýurdumyz hemişelik Bitaraplygyň, parahatçylyksöýüjiligiň, hoşniýetli goňşuçylygyň daşary syýasatynyň özeni bolandygyny we şeýle bolmagynda galýandygyny iş ýüzünde hemişe subut edip gelýär. Aşgabat şäherinde Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň alyp barýan işleri, «Türkmenistan – BMG» strategik maslahat beriş geňeşiniň döredilmegi, ýurdumyzyň başlangyjy esasynda halkara gün tertibiniň möhüm meselelerine degişli kabul edilen Kararnamalaryň onlarçasy munuň anyk subutnamalarydyr.

Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýerip, halkara gatnaşyklarda parahatçylyk, ynanyşmak, deňhukukly hyzmatdaşlyk ýörelgelerini ilerledýän hem-de umumadamzat bähbitli başlangyçlary öňe sürýän Türkmenistanyň eýe bolýan sepgitlerine, gazanýan üstünliklerine dünýäniň habarlar giňişliginde hem gyzyklanma barha artýar.

Häzirki ajaýyp döwrümizde dünýä derejesinde uly işler durmuşa ornaşdyrylýar. Bu beýik işleriň her biri ýurdumyzyň ösüşlerini, halkyň abadan we bagtyýar durmuşyny, umumadamzat bähbitlerini üpjün edýär. Şeýlelikde, ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan özgertmeler parahatçylyksöýüjilige hil taýdan täze itergi berip, Watanymyzyň şöhratly taryhyna möhüm sahypany ýazýar. Ýurdumyzyň ösüşlerini üpjün edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag bolsun, beýik işleri üstünliklere beslensin!

**Jemal BABAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň harby gullukçysy, maýor.*

# PARAHATÇYLYGYŇ WE YKDYSADY ÖSÜŞIŇ SAZLAŞYGY

Halkymyz parahatçylyga, ynsanperwerlige we asylly ýörelgelere belent sarpa goýýar. Parahatçylygyň dabaralanmagy birek-birege bolan ynamyň güýjünden gözbaş alýar. Şonuň üçin türkmen halky goňşy döwletler we doganlyk halklar bilen hoşniýetli gatnaşyklary yzygiderli ösdürip, parahatçylyksöýüjilige daýanýan milli ýörelgelerini asyrlaryň dowamynda kämilleşdirip gelipdir. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe bu ýörelge Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýhasly başlangyçlary netijesinde mynasyp derejede ösdürilýär. Şunda eziz Diýarymyzyň alyp barýan hemişelik Bitaraplyk syýasaty, dünýä ýurtlary bilen dost-doganlyk gatnaşyklary uly many-mazmuna eýe bolup durýar. 2025-nji ýylyň ýurdumyzda we halkara giňişlikde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi bolsa giň mazmuny özünde jemleýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň çäklerinde ýurdumyzda iri halkara çäreleri geçirilýär. Şolaryň biri hem Söwda-senagat edarasynda geçirilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: durnukly ösüşi üpjün etmekde sebitara ykdysady hyzmatdaşlygyň orny» atly halkara maslahaty boldy. Maslahata türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Türkmenistan parahatçylyk we ynanyşmak ideýasyny gönüden-göni ykdysady ösüş bilen baglanyşdyrýar. Şoňa görä-de, şu ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ykdysady hyzmatdaşlyga güýçli itergi bermelidir diýip, Gahryman Arkadagymyz maslahatyň münberinden eden çykyşynda belledi. Gahryman Arkadagymyz ýurdumyzyň hemişelik bitaraplyk syýasatyny, «Açyk gapylar» ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmek bilen, netijeli hyzmatdaşlyk etmäge taýýardygyny tassyklady.

Şunuň bilen baglylykda, maslahatda Merkezi we Günorta Aziýanyň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşyk gatnaşyklaryna, hususan-da iri energetika, ulag we elektrik energetika taslamalaryna aýratyn ähmiýet berildi. Gahryman Arkadagymyzyň hem belläp geçişi




ýaly, maslahatda ähli ugurlar boýunça ara alnyp maslahatlaşylan Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň maksady häzirki döwürde jemi 1 milliard 750 million ilaty bolan ýurtlary tebigy gaz bilen üpjün etmekden ybaratdyr. Bu gaz geçirijiniň ýurdumyzyň çäklerinden geçýän, uzynlygy 214 kilometr bolan bölegi guruldy. Geçen ýylyň sentýabrynda bolsa onuň 153 kilometrlik Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat böleginiň gurluşygyna badalga berildi. Häzirki wagtda onuň gurluşygy Owganystanyň çäklerinde dowam etdirilýär.

Şeýle hem maslahatda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçirijisiniň gurluşygy, mundan başga-da, Merkezi we Günorta Aziýa sebitlerinde ulag arabaglanyşygy barada giňişleýin çykyşlar diňlenildi. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen ynamly hyzmatdaşlyga esaslanýan parahatçylykly we köpugurly daşary syýasat ugry, ilkinji nobatda, halkymyzyň parahatçylyk söýüjiliginiň, abadançylygynyň gözbaşydyr. Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk ýörelgeleriniň üstünlikli amala aşyryn.

Ýurdumyz Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegi gazanmakda, şol sanda Merkezi Aziýa sebitiniň parahatçylygyň, ynanyşmagyň we hyzmatdaşlygyň zolagy bolmagynda oňyn başlangyçlaryny işjeň öňe sürýär. Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan tebigy serişdeleriň howpsuz ulanylyşy, halkara bazarlarda elýeterli bolmagyny gazanmak, söwda-ykdysady gatnaşyklar üçin amatly we köpugurly ulag geçelgelerini döretmek, daşky gurşawy goramak babatdaky amala aşyrýan beýik işleri bu gün öziniň oňyn netijelerini berýär.

Goý, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, hemişelik Bitaraplygymyzyň binýady has-da berkesin. Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň saýasynda bagtyýar günlerimiz dowamat dowam bolsun!

**Döwran ANNANEPESOW,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

# HALKARA GATNAŞYKLARYŇ ESASY KÖPRÜSI




Häzirki wagtda halkara gatnaşyklary hem-de döwletara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň esasy guraly hökmünde transmilli ulag geçelgelerini döretmäge uly ähmiýet berilýär. Döwletimiziň geografik taýdan amatly ýerde ýerleşendigi nazara alnyp, multimodal gatnawlaryň netijeliligini üpjün edýän iri ulag-logistiki merkezleri döredilip, ýurdumyz halkara ulag-kommunikasiýasyna işjeň goşulýar. Ulag-kommunikasiýa strategiýasynyň durmuşa geçirilmegi netijesinde, Türkmenistan sebit we yklym ähmiýetli möhüm ulag we logistika merkezi hökmünde eýeleýän ornuny barha pugtalandyrýar. Ýurdumyzda ulag-kommunikasiýa pudagyny toplumlaýyn döwrebaplaşdyrmak, özara bähbitli halkara hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça milli maksatnamalar yzygiderli durmuşa geçirilýär.

Raýat awiasiýa pudagy halkara gatnaşyklarynyň esasy köprüsi bolup hyzmat edýär. Ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk işjeňleşdirilip, milli raýat awia-



siýa pudagy hem täze derejä çykarylýar. Howa ulaglary arkaly ýükleri daşamagyň hem-de ýolagçylary gatnatmagyň hilini ýokarlandyrmak we ygtybarlylygyny üpjün etmek ýurdumyzyň ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmagyň möhüm şertidir.

Howa ulagy ençeme asyrlar bäri dowam edip gelýän dünýäniň tükeniksiz ululygy baradaky düşünjäni aradan aýyrmagy başardy. Ulagyň bu görnüşi dünýäniň islendik nokadyny elýeterli edýär. Adamlaryň ýa-da ýüküň uzak aralyklary geçip, ýerine gowuşmagy üçin sarp edilýän wagt hepdelerden, kähalatlarda bolsa aýlardan sagatlara çenli azaldy.

Ýurdumyzyň raýat awiasiýasynyň düzüminiň döwrebaplaşdyrylmagy we tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagy ýurdumyzyň ulag ulgamynda tapgyrlaýyn esasda alnyp barylýan giň gerimli özgertmeleriň möhüm ugry bolup durýar. Içerki hem-de halkara ugurlarda ýolagçy gatnatmakda we ýük daşamakda howa ýollaryna wajyp orun degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzyň raýat awiasiýasyny döwrebaplaşdyrmak, şol sanda aeronawigasiýa hem-de ýolagçylara hyzmat ediş ulgamyna täze tehnologiýalary ornaşdyrmak meselelerine aýratyn ähmiýet berilýär. Paýtagtymyzyň Halkara howa menziliniň düzümleýin desgalary hem yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Onuň çäginde ýerleşýän desgalar dürli görnüşli uçarlary talabalaýyk saklamak, tehniki hyzmatlar bilen üpjün etmek üçin niýetlenendir. Munuň özi ýük hem-de ýolagçy uçarlarynyň tehniki ýagdaýyny halkara talaplara laýyklykda yzygiderli gözegçilikde saklamaga mümkinçilik berýär.

Daşary ýurt awiakompaniýalarynyň üstaşyr uçuşlar we uçarlaryň ýangyjynyň üstüni dolmak üçin ýurdumyzyň howa giňişligini peýdalanmaga bolan gyzyklanmalary görnetin artdy. Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurt kompaniýalary Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky has gysga, iň täze dolandyryş, nawigasiýa tehnikalary bilen enjamlaşdyrylan ugurlarda hereket etmegi ileri tutýarlar.

Howa ulagy arkaly halkara gatnawlary mundan beýläk-de giňeltmek maksady bilen, «Türkmenistan» awiakompaniýasynyň awiaparkynyň üsti «Boeing» we «Airbus» ýaly dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň döwrebap ýolagçy we ýük uçarlary bilen ýetirilýär. Bar bolan awiaparkyň netijeli giňeldilmegi strategik häsiýete eýe bolup, ykdysady bähbitleri gazanmagy maksat edinýär.

Berkarar Watanymyzy ösüşleriň röwşen ýoly bilen öňe alyp barýan, ulag-kommunikasiýa düzüminiň has-da kämilleşmegi üçin bimöçber alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Il-ýurt bähbitli alyp barýan işleri elmydama rowaç alsyn!

**Hajymämmet NYÝAZGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenhowaýollary» agentliginiň Aşgabat Halkara howa menziliniň Howa hereketini guramagyň bir bitewi ulgamynyň Baş merkeziniň raýat sektorynyň uly dispetçeri.*

# WATAN HER BIR YNSAN ÜÇIN MUKADDESDIR

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň parasatly baştutanlygynda ösüşlerden-ösüşlere barýan il-ulsumyzyň kalbynda Watan, Garaşsyzlyk, hemişelik Bitaraplyk mukamy belentden-belent ýaňlanýar. Watan düşünjesi örän uly we çuň mana eýe bolmak bilen, her bir ynsanyň diliniň senasy, kalbynyň joşguny bolup durýar.

Watan – bu adamyň göbek ganynyň daman, doglan ýeri, çagalygynyň, iň şatlykly günleriniň geçýän ýeri, dogan-garyndaşlarynyň, dost-ýarlarynyň ýaşaýan ýeri. Şonuň üçin hem ata Watan, ene toprak her bir ynsan üçin mukaddesdir, kerem-keramatdyr. Watan



ezizligini söz bilen beýan etmek mümkin däl.

Watan mukaddesligi hakynda söz açylanda, Gahryman Arkadagymyzyň: «Watan biziň her birimiz üçin elýetmez mertebedir. Munuň hem sebäbi, Watan söýgüsi soňlanýan däldir. Watana söýgi hemişe joşup duran mukaddes duýgudyr. Şeýle bolanlygy üçinem diňe mertler, Watanyň mert ogullary Watany beýgeldýärler» diýen parasatly setirleri seriňe dolýar. Gahryman Arkadagymyzyň kitaplarynyň birini «Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr» diýip atlandyrmagy biziň üçin nusgalyk bolup, halkyň manyly ýaşaýşynyň, Watanyň gymmatyna düşünmegiň, zähmetde uly üstünlikler gazanmagyň, belent maksatlara ýetmegiň özenine öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň «Mertler Watany beýgeldýär», «Watan goragy mukaddesdir», «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» ýaly enңeme watançylyk çagyryşly kitaplary her bir ynsan üçin bahasyna ýetip bolmajak baýlykdyr.

Akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň goşgularynda watansöýüjiligiň belent waspy giňden beýan edilýär. Şahyryň dürli mowzukdaky goşgularynyň arasynda watançylyk, gahrymançylyk temalary, mert, edermen ýigitleri terbiýeläp ýetişdirmäge degişli şygyrlary uly orun tutýar. Şahyryň watançylyk, gahrymançylyk baradaky goşgularyna üns bersek, «Ýeli Gürgeniň», «Türkmeniň», «Gidiji bolma», «Depe nedir, düz nedir», «Gözlär men» ýaly goşgularynyň çuňňur mazmunyny görýäris. Bu goşgularyň içinden Watany söýmek, il-güne wepaly bolmak, batyrlyk, edermenlik baradaky pikirler eriş-argaç bolup geçýär. Şeýle goşgular ýaş nesilleri watançylyk mekdebinde terbiýelemekde hem aýratyn ähmiýete eýe bolup durýar. Ýaş nesillerde Watana söýgi döretmek, mertlik, gaýduwsyzlyk, il-güne wepadarlyk ýaly asylly ýörelgeler şahyryň goşgularynyň özenini düzýär. Şonuň üçin hem akyldar şahyryň goşgulary halk içinde giňden aýdylýar we nesil terbiýesinde gymmatly hazyna bolup durýar.

Şahyryň «Aty gerek», «Mert biläni», «Meýdan ýoluksa», «Begler» ýaly goşgulary mertligi, gaýduwsyzlygy öwüt-ündew edýär. Şeýle goşgular nesilleri merdanalyk, watansöýüjilik mekdebinde terbiýelemekde örän möhümdir. Çünki bu şygyrlaryň manymazmunynda türkmen halkynyň asylly ýörelgelerini görmek bolýar.

Goý, halkyny bagtly geljege alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Halk üçin, Watan üçin, eşretli döwür üçin durmuşa geçirýän tutumly işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Serdar BABAKULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň Aşgabat şäheri boýunça müdirliginiň işgäri, kapitan.*

# AWAZA – DOSTLUK MEKANY

Ajaýyp zamanamyzda medeniýetimiz we sungatymyz uly ösüşlere beslenýär. Halkymyzyň köp asyrlyk taryhynyň dowamynda döredilen örän baý medeni mirasyny aýawly saklamaga, dikeltmäge, geljekki nesillerimize ýetirmäge we mundan beýläk-de baýlaşdyrmaga, däp-dessurlarymyzy, ruhy-ahlak ýörelgelerimizi öwrenmäge uly ähmiýet berilýär. Bu ugurda döwlet derejesinde alnyp barylýan işler milli medeniýetimiziň, sungatymyzyň iň oňat däplerini ösdürmäge, halkymyzyň milli mirasynyň gymmatlyklaryny dünýä çykarmaga mümkinçilik döredýär. Şonuň netijesinde bu günki gün Diýarymyz dünýä döwletleri bilen ysnyşykly medeni gatnaşyklary pugtalandyryp, medeniýet, sungat köprüsini gurup, dost-doganlyk, ynsanperwerlik gatnaşyklaryny dünýä ýaýýar. Ýurdumyzda geçirilýän halkara forumlar, sergiler, festiwallar ata Watanymyzyň ýeten belent derejesini, milli gymmatlyklarymyzy, däp-dessurlarymyzy dünýä ýüzüne aýan edýär.



Şu ýylyň iýun aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Awaza – dostluk mekany» atly halkara tans we folklor festiwaly geçiriler. Halkara festiwalyň esasy maksady dünýä halklaryny türkmen milli tans sungaty we gadymy folklory bilen tanyşdyrmakdan, olary wagyz etmekden, halklaryň arasyndaky döredijilik gatnaşyklaryny ösdürmekden ybaratdyr.

Halkara festiwal ýurdumyzda öň hem birnäçe gezek geçirildi. Tans we folklor festiwalynda köp öwüşginli çäreler geçirilýär. Bu festiwal türkmen halkynyň baý medeni mirasyny bütin dünýäde wagyz etmäge, dünýäniň dürli künjeklerinden gelen wekilleriň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny hem-de döredijilik hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmaga ýardam edýär.

Awaza – bagtyň mekany. Bagt bolsa parahatçylygyň, agzybirligiň, dost-doganlygyň, ynanyşmagyň, sagdynlygyň bar ýerinde, şol ajaýyplyklaryň jemlenýän ýerinde peýda bolýar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň dünýä syýahatçylygynyň merjeni bolmak bilen birlikde, halklaryň dost-doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylýan, şol gatnaşyklarda täze sahypalaryň açylýan, täze mümkinçiliklere badalga berilýän mekany hökmünde uly meşhurlyga eýe bolmagy Milli Liderimiziň başyny başlan parasatly döwlet syýasatynda ata-babalarymyzyň asylly ýol-ýörelgeleriniň has-da rowaçlanýandygyndan, ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk derejesinden gelip çykýan wezipeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginden nyşandyr.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly hem-de öňdengörüjilikli syýasaty bilen türkmen döwletiniň abraý-mertebesi, şan-şöhraty belende galýar. Dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlarynyň, tekliplериniň goldanylmagy halkara abraýynyň ykrarnamasydyr. Eziz Diýarymyz halkara derejesinde, özi-de halklaryň ösüşine hem abadançylygyna, asudalygyna gönükdirilen maslahatlaryň, forumlaryň geçirilýän, dünýä möçberinde ylalaşyklaryň gazanylýan ýerine öwrüldi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen halkara ähmiýetli çäreler munuň subutnamalary boldy.

Gojaman Hazaryň kenarynda döredilen, dünýä syýahatçylygynyň merjeni bolan Awazada geçirilen halkara çäreler sanardan kän. Olardan Merkezi Aziýanyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy, sebitiň ýurtlarynyň zenanlarynyň dialogy, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň ykdysady forumy, milli önümleriniň halkara sergisi, milli tagamlarynyň festiwaly, sungat ussatlarynyň dabaraly baýramçylyk konserti, çagalaryň halkara festiwallary we dürli sport çärelerini aýdyp bolar. Awazada bolup geçen festiwallar, duşuşyklar, sammitler, maslahatlar, sergiler, kongresler Gahryman Arkadagymyzyň: «Aziýa we Ýewropa yklymlarynyň özboluşly köprüsi bolmak bilen, Türkmenistan halkara derejede söwda-ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine, halklaryň we medeniýetleriň ýakynlaşmagyna öz mynasyp goşandyny goşýar» diýen sözleriniň döwrümiziň ajaýyp hakykatydygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

**Miwe ÖWEZOWA,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

# BAGY-BOSSANLY EZIZ DIÝARYM

Ählihalk bag ekmek dabarasy adamzadyň abadan we parahat ýaşaýşy üçin Zeminiň abadançylygyny, daşky gurşawyň goraglylygyny, ekologik deňagramlylygy üpjün etmäge gönükdirilendir. Tutuş ýurdumyzda şeýle uly ähmiýete eýe bolan ekologik çäre – ýazky ählihalk bag ekmek möwsümi başlandy.

Halkymyzda «Bagym bar – bossanym bar», «Bag – Zeminiň zynaty», «Bir nahal ekseň, ýaşyň baky» diýen ýaly enңeme ýörgünli jümleler bar. Bu jümleler baglaryň, bagy-bossanlygy döretmegiň ähmiýetini beýan edýär. Şonuň bilen baglylykda, Milli tokaý maksatnamasynyň çäklerinde ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek ugrunda edilýän tagallalar buýsanja mynasypdyr.

Bilşimiz ýaly, asylly däplere eýerilip, ýurdumyzda her ýylyň ýazynda we güýzünde ählihalk bag ekmek dabaralary geçirilýär. Jemgyýetimiziň dürli gatlaklarynyň wekilleriniň – bagtyýar ildeşlerimiziň agzybirlikde gatnaşmagynda toý ruhunda geçirilýän şol dabaralar bag ekmek möwsümlerine badalga bolýar.

Geçen ýyllarda Aşgabadyň eteklerinde, Arkadag şäheriniň we welaýatlaryň çäklerinde millionlarça düýp agaç nahallary oturdyldy. Bu gün barha boý alýan şol baglar türkmen topragynyň ösümlik dünýäsini baýlaşdyryp, amatly howa şertleriniň emele gelmegine ýardam berýär. Ak mermerli paýtagtymyz Aşgabat şäheriniň Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň «Şäherlerdäki baglar» atly başlangyjyna bag ekmek çäreleri arkaly goşandy üçin degişli güwänama mynasyp bolmagy bolsa, ýurdumyzda bagy-bossanlygy döretmek, ekologiýa abadançylygyny gazanmak ugrunda edilýän tagallalaryň dünýäde ykrar edilýändigini görkezýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan parahatçylyksöýüjilik, oňyn Bitaraplyk hem-de hoşniýetli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat ugruny işjeň durmuşa geçirýär.

Ýeri gelende bellesek, Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022 – 2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda hem ekologiýa howpsuzlygy, suw meseleleri, çölleşmä garşy göreşmek, tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiligini azaltmak baradaky meseleleriň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň düýp mazmunynda öz aýdyň beýanyny tapýar. Bu resminamada Türkmenistanyň ekologiýa meseleleri boýunça öz esasy çemeleşmelerinde Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmegiň ählumumy, sebit we milli gurallarynyň utgaşdyrylmagynyň we özara biri-biriniň üstüni ýetirmeginiň häzirki döwürde institusional derejede esasy ileri tutulýan ugra öwrülýändiginden ugur alýandygy nygtalýar.

Türkmen Bitaraplygynyň ekologiýa jähetleri hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde we beýleki iri halkara forumlarynda öňe süren örän möhüm halkara başlangyçlarynda öz beýanyny



tapýar. Olaryň hatarynda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly Tehnologiýalar boýunça sebit merkezini döretmek, BMG-niň Suw strategiýasyny hem-de BMG-niň Araly halas etmek boýunça ýörite Maksatnamasyny işläp taýýarlamak, Hazar deňziniň ekoulgamyny gorap saklamak, sebitiň suw serişdelerini rejeli peýdalanmak boýunça Aşgabatda Sebitara merkezini açmak baradaky teklipleri görkezmek bolar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän ýurdumyzyň ekologiýa diplomatiýasy howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, tebigaty aýawly saklamak, suw, ýer we biologik serişdeleri rejeli peýdalanmak, sebitde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmeklige hem-de giňeltmeklige özüniň mynasyp goşandyny goşýar.

**Näzli BEGJANOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallym-öwrenijisi.*

# HALKYMYZYŇ SAGLYGY – ÝURDUMYZYŇ BAŞ BAÝLYGY

Halkymyzyň saglygy ýurdumyzyň baş baýlygy bolmak bilen, ilatymyzyň häzirki we geljekki nesilleriniň durmuş taýdan abadançylygynyň, bagtyýar geljeginiň hem möhüm şertidir. Giň gerimli öňüni alyş işleriniň hem-de keselleri irki döwürde anyklamagyň milli saglygy goraýyş ulgamynyň esasy aýratynlygy bolup durýandygyny bellemek gerek. Munuň özi ilatyň arasynda kesellemegiň derejesini peseltmäge, raýatlaryň ömrüniň dowamlylygyny uzaltmaga ýardam edýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň şypahanalary hem täze belentliklere çykýar. Innowasion ugurlara esaslanmak bilen, şypahanalaryň kuwwatyndan has netijeli peýdalanmak, ilata ýokary hilli bejeriş-öňüni alyş hyzmatlaryny hödürlemek, raýatlaryň sagdynlygyny üpjün etmek boýunça giň gerimli işler amala aşyrylýar.

Tebigy bejeriş şertlerini ulanmak arkaly öňüni alyş lukmançylygyny ösdürmek, hususan-da, näsaglaryň keselleri bejermäge hem-de olaryň saglygyny dikeltmäge mümkinçilik berýän şypahana-dynç alyş ulgamyny kämilleşdirmek bu ugurda amala aşyrylýan işleriň möhüm bölegi bolup durýar. Ýurdumyzyň amatly howa ýagdaýlary, dürli tebigy landşaftlar, dürli keselleri bejermäge ýardam edýän, düzümi boýunça seýrek duş gelýän mineral suwlary we melhemlik palçyklary şypahana ulgamyny çalt depginler bilen ösdürmäge ýardam edýär. Köpçülikleýin şypahana-bejeriş ulgamynyň kämilleşdirilmegi, döwrebap sagaldyş düzüminiň döredilmegi hem-de meşhur şypahanalarymyzyň täze binalarynyň gurulmagy döwrüň gaýragoýulmasyz umumymilli wezipeleriniň hatarynda durýar.

Ýurdumyzda tutuş ýylyň dowamynda ilata bejeriş hyzmatlarynyň giň görnüşlerini hödürleýän şypahana-dynç alyş edaralarynyň uly toplumy döredildi. Olarda ornaşdyrylan iň täze tehnologiýalar, dynç almak we bejeriş üçin döredilen amatly şertler adamlara saglygyny dikeltmäge, ýadawlygyny aýyrmaga ýardam edýär, ruhubelentlik we güýç-kuwwat berýär.

Häzirki dowam edýän ýaz paslynda Ahal welaýatyndaky «Arçman» şypahanasy hem köp sanly myhmanlary kabul edýär. «Arçman» şypahanasynda dynç alýanlaryň wagtlaryny gyzykly geçirmekleri üçin ýakyndaky gözel künjeklere gezelençler guralýar. Adaty bejergi bilen bir hatarda, türkmen topragynda ösýän dermanlyk ösümlikleri ulanmak arkaly fitobejergi usulyna aýratyn üns berilýär. Bu



ýerde dynç almak bilen bir hatarda, lukmançylygyň soňky gazananlaryna esaslanýan bejergi hyzmatlaryny almak hem mümkindir.

«Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr». Konstitusiýada berkidilen hut şu taglymat şypahana-dynç alyş ulgamynda milli syýasatyň esasy bolup hyzmat edýär. Bu ulgamyň ösdürilmegi raýatlaryň dynç alşynyň, olaryň saglygyny bejermegiň netijeli ulgamyny döretmäge gönükdirilendir. Bularyň hemmesi hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda halkymyzyň bagtyýarlygynyň we abadançylygynyň bähbidine gönükdirilen parasatly syýasatyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr. Çünki halkymyzyň saglygy ýurdumyzyň esasy we gymmatly baýlygydyr.

**Mekan MEÝDANOW,**
*«Arçman» şypahanasynyň iňňe-refleks bölüminiň lukmany.*

# YNSANPERWERLIK ÝÖRELGELERI DOWAM ETDIRILÝÄR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Ýakynda Arkadag şäherinde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň (ÝUNISEF) Türkmenistandaky wekili hanym Jalpa Ratna bilen duşuşygy boldy. Onda Türkmenistan bilen ÝUNISEF-iň arasyndaky gatnaşyklaryň häzirki ýagdaýy we ony ösdürmegiň geljekki ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Şeýle hem Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilmegine 4 ýyl dolýandygy, şu döwürde bu düzüm tarapyndan dünýäniň dürli ýurtlarynyň heläkçilik zerarly ejir çeken çagalaryna kömek-goldawlaryň berlendigi, ýurdumyzda köp sanly mätäç çagalaryň gaznanyň hasabyna bejergi alandygy barada aýdyldy. Munuň özi türkmen halkynyň taryhyň dowamynda döreden ýagşy dessurlarynyň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede ösdürilýändiginiň beýanydyr.





Ýurdumyzda lukman Arkadagymyzyň milli saglygy goraýyş ulgamynda başyny başlan giň möçberli özgertmeleri hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Şunda saglyk edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegine döwlet derejesinde ähmiýet berilýär. Munuň özi ynsan saglygynyň goralmagynyň möhüm şertini emele getirýär. Bu babatda alnyp barylýan işleriň netijeli häsiýete eýe bolmagynda Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň mynasyp goşandy bardyr. Gaznanyň döredilmeginiň 4 ýyllygy mynasybetli dabaraly çäreler geçiriler. Bu şanly senede duşuşyklar, sergiler, okuw maslahatlary we dürli dabaralar guralar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy we tagallasy bilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy döredilen pursadyndan bäri ösüp gelýän ýaş nesilleriň saglygynyň goralmagyna gönükdirilen çäreler toplumyny amala aşyryp gelýär. Gaznanyň serişdeleriniň hasabyna dünýäniň dürli ýurtlarynyň heläkçilik zerarly ejir çeken çagalaryna hem yzygiderli kömekleriň berilmegi ynsanperwer ýörelgeleriň dünýäde ykrar edilýändiginiň beýanydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň jemgyýetiň saglygyny gazanmak bilen döwletiň binýadyny berkitmek babatda edýän aladalarynyň we bitirýän nusgalyk işleriniň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilmegi biz – saglygy goraýyş işgärlerinde uly buýsanç döredýär. Biz halkymyzyň saglygy, nesillerimiziň bagtyýar, asuda ýaşaýşy hakynda edýän hossarlyk aladalary üçin Gahryman Arkadagymyza we mertebesi belent döwlet Baştutanymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Läle BERDIÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň medisina ekologiýasy we gigiýena kafedrasynyň mugallymy.*

## Kasam kabul etdi

**Şu ýylyň ýanwar aýynda geçirilen saýlawda ýeňiş gazanan Belarusyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko täze möhlet üçin kasam kabul edip, wezipesine girişdi. Paýtagt Minskdäki Garaşsyzlyk köşgünde geçirilen kasam kabul edişlik dabarasy ýurduň Merkezi Saýlaw geňeşiniň başlygy Igor Karpenkonyň sözi bilen açyldy. Ilki bilen, Karpenko saýlawda Lukaşenkonyň ýeňiş gazanandygyny mälim etdi. Soňra Lukaşenko ýurduň Konstitusiýasyna wepaly boljakdygy barada kasam kabul etdi. Prezident Lukaşenko kasam kabul edişlik dabarasynda Belarusyň parahatlygynyň, howpsuzlygynyň, asudalygynyň, milletiň abraýynyň we halkyň maddy hal-ýagdaýynyň gowulygynyň ýurduň ileri tutýan syýasaty bolmagynda galjakdygyny belledi.**



**Ýurtda Prezidentiň wezipe möhleti 5 ýyl.**

**Şu ýylyň 26-njy ýanwarynda geçirilen saýlawda Lukaşenko 86,82 göterim ses bilen 7-nji gezek bu wezipä saýlandy. Aleksandr Lukaşenko Belarusyň birinji Prezidenti hökmünde ilkinji gezek 1994-nji ýylyň 20-nji iýulynda wezipesine girişipdi.**

## Finlýandiýa ýene birinji boldy

Finlýandiýa yzly-yzyna sekizinji gezek Dünýäniň iň bagtly ýurdy boldy. Oksford uniwersitetiniň maddy hal-ýagdaý gözlegler merkezi 2025-nji ýylda dünýäniň iň bagtly ýurtlary barada maglumat taýýarlady. Sanawa jemi 147 ýurt girizilip, Finlýandiýa birinji orny eýeledi. Daniýa, Islandiýa, Şwesiýa, Niderlandlar, Kosta Rika, Norwegiýa, Ysraýyl, Lýuksemburg we Meksika ilkinji onluga girdi. Kosta Rika bilen Meksika bolsa birinji gezek ilkinji onlukda özüne orun tapdy.

Germaniýa 22-nji, Angliýa 23-nji, Fransiýa 33-nji, Ispaniýa 38-nji, Italiýa 40-njy ýeri eýeledi.

Sanaw pikir soraşma esasynda geçirilip, gatnaşyjylardan durmuşyna 0-dan 10-a çenli baha bermegi soraldy. Bilermenler bu sowallaryň jogaplaryndan başga-da, şol ýurtda jan başyna düşýän girdejini, jemgyýetçilik goldawyny, sagdyn durmuş mümkinçiliklerini we



beýleki ölçegleri göz öňünde tutdular.

Oksford uniwersiteti bilen hyzmatdaşlykda pikir soralyşyk geçiren «Gallup» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Ilana Ron Lewi sanawyň başynda Skandinaw ýurtlarynyň bolmagynyň adaty ýagdaýdygyna ünsi çekip, bu ýurtlarda durnuklylygyň ýokarydygyny belledi. Lewi finlýandiýalylaryň birek-birege ynam, geljege umytly garamak, dost we maşgala goldawy ýaly sebäplerden dünýäde has bagtlydyklaryny aýtdy. Şeýle hem ýurtda maddy hal-ýagdaýyň deňsizliginiň azdygy bellenildi.

Lewiniň sözlerine görä, özüňi bagtly saýmak diňe ýurduň jemi içerki önümi ýa-da ýokary zähmet haky bilen baglanyşykly däl-de, ynam we gowy jemgyýetçilik gatnaşyklary bilen hem baglydyr.

Maglumatda ýeke naharlanmagyň özüňi bagtsyz duýmaga sebäp bolýandygy bellenildi. Çalt sarp ediş ýaly endikleriň ýeke naharlanmaga getirýändigi, munuň bolsa özüňi bagtsyz duýmaga sebäp bolýandygy bellenildi.

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
### gysga setirlerde

**Kanadada ähلumumy saýlaw geçiriler.** Kanadanyň Hökümet Başlygy Mark Karni 28-nji aprelde parlamentiň ýatyrylyp, ählumumy saýlaw geçiriljekdigini mälim etdi. Liberal partiýanyň ýolbaşçysy Karni golaýda işinden çekilen Jastin Trýudonyň ýerine bu wezipä geçipdi.



**21 milliard dollar maýa goýar.** ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp «Hyundai» kompaniýasynyň ABŞ-da 21 milliard dollar maýa goýum özleşdirjekdigini aýtdy. Prezident Tramp koreý kompaniýasynyň ABŞ-nyň önümçilik senagatyna 5,8 milliard dollar maýa goýum gönükdirjekdigini belledi. Onuň sözlerine görä, «Hyundai» bu ýurtdaky ilkinji polat zawodyny hem gurar.




**Girdejileri azaldy.** Geçen ýyl dünýäniň iň uly 8 nebit kompaniýasynyň peýdasynyň ozalky ýyldakydan 16 göterim azalyp, 217,65 milliard dollar bolandygy mälim edildi. Bu kompaniýalar ozalky ýyl 259,27 milliard dollar peýda gazanypdyrlar.



## Çyralar bir sagat öçürildi

**Tebigaty goramagyň Bütindünýä gaznasynyň tagallasy bilen her ýyl klimatyň özgermegine we tebigy meselelere ünsi çekmek maksady bilen «Ýer sagady» atly çäre geçirilýär. Bu çäräniň çäklerinde dünýäniň iri şäherlerinde belli binalaryň çyralary bir sagatlyk öçürilýär. Şeýle hem bu çärä ýaşaýjylar hem goşantlaryny goşup, çyralary söndürýärler. Fransiýanyň paýtagty Parižinki Eýfel diňiniň hem-de Ýeňiş ýadygärliginiň, Angliýanyň paýtagty Londondaky parlament binasynyň, Gresiýanyň paýtagty Afinydaky gadymy Akropolis ýadygärliginiň we beýleki ýüzlerçe binanyň çyralary öçürildi. Bu çärä Aziýa ýurtlary hem goşuldy. Gonkongdaky 4 müňden gowrak binanyň, Tokio, Bangkok, Deli ýaly şäherleriň esasy binalarynyň çyralary öçürildi.**



**«Ýer sagady» çäresinde planetanyň ýüzbe-ýüz bolýan tebigy hadysalaryna ünsi çekmek hem-de adamlary tebigaty arassa saklamaga çagyrmak maksat edinilýär.**

## Mariana çöketligine goýberildi



Hytaýly alymlar Ýeriň iň çuň ýeri hasaplanýan Mariana çöketligine aşa güýçli basyşa çydamly suwasty robot goýberdiler. Ýuwaş ummanyndaky Mariana çöketliginiň çuňlugy 11 kilometr töweregi bolup, ol ýere barmak aşa güýçli basyş sebäpli örän kyn. Hytaýly hünärmenleriň işläp taýýarlan robotynyň suwasty barlaglarda ulanylandygy we şowly ýagdaýda yzyna getirilendigi mälim edilýär. Pekindäki Beýhan uniwersitetiniň hünärmenleriniň işläp taýýarlan robotynyň ululygy barýogy 50 santimetr bolup, sekuntda 5,5 santimetr tizlik bilen hereket edýär. Robotyň ýüzüp, gumly tekizlikde «emedekläp» bilýändigi mälim edildi.

Beýhan uniwersitetiniň ylmy işgäri Wen Li robotyň suwasty gämä berkidilip deňze goýberilendigini, dürli barlaglardan geçirilendigini we olary üstünlikli tamamlap, şowly ýagdaýda yzyna getirilendigini mälim etdi. Roboty işläp taýýarlan topar deňiz serişdeleriniň özleşdirilmegi, arheologiýa we daşky gurşawa gözegçilik ýaly deňziň çuň gatlaklaryndaky ylmy işleri amala aşyrmak üçin robotyň çydamlylygyny artdyrmagy maksat edinýärler.

## Parižiň köçeleri baglyga bürener

Fransiýanyň paýtagty Parižiň şaýollarynyň we köçeleriniň 500-sinde ulag hereketi çäklendirilip, olaryň gyralaryna nahallar ekilmegi üçin pikir soralyşyk geçirildi. Şäheriň ýerli häkimiýetiniň bu teklibi ýaşaýjylar tarapyndan oňlanan ýagdaýynda şäheriň köçeleriniň 10-dan 1-ine ulag çäklendirmesi giriziler. Şeýle sala salşyk 2023-nji ýyldan bäri üçünji gezek geçirilýär. Parižliler 2023-nji ýylda samokatlaryň ulanylmagynyň gadagan edilmegi üçin ses beripdiler. Geçen ýyl bolsa, uly göwrümli ýeňil ulaglaryň üç esse köp duralga tölegini tölemegi üçin referendum geçirildi. Maglumatlara görä, Parižde 2000-nji ýyllaryň başyndan bäri ulag hereketi iki esse azalypdyr. Soňky ýyllarda şäherde pyýada



we welosipedli gezelenç etmek üçin ýodalar gurulýar. 2020-nji ýyldan bäri Parižde umumy uzynlygy 84 kilometre ýetýän welosiped ýodalary guruldy. Netijede, welosipediň ulanylyşy 71 göterim ýokarlanypdyr.

Şäherdäki käbir ýollarda ulag hereketiniň çäklendirilmegi bilen awtoduralgalar hem aýrylyp, olaryň ýerine ýaşyl zolaklar döredile. Bu taslamanyň çäklerinde jemi 170 müň düýp agaç nahalynyň oturdylmagy meýilleşdirilýär.

Maglumata görä, Parižiň 26 göterimini ýaşyl zolaklar emele getirýär. Bu görkeziji Ýewropanyň beýleki şäherlerinde ortaça 41 göterim.

## TARYHDA ŞU GÜN

**1842-nji ýylyň 28-nji martynda Otto Nikolainiň dirižýorlyk etmeginde Wena filarmoniýa orkestriniň ilkinji konserti geçirilýär. Şondan soňky 5 ýylyň dowamynda Nikolainiň ýolbaşçylyk etmeginde jemi 11 konsert berilýär. Kýonigsbergde (häzirki Kaliningrad) dünýä inen Nikolai 1847-nji ýylda Wenadan gidenden soňra orkestriň işi birnäçe ýyl togtaýar.**



## OKAŇ, DYNÇ ALYŇ!

**ABŞ-nyň Pensilwaniýa ştatynyň günorta-gündogarynda ýerleşýän Kennett meýdanynda her ýyl 200 müň tonna kömelek öndürilýär.**

## SIZ HAÝSY REŇKI HALAÝARSYŇYZ?

Reňkler durmuşymyzyň aýrylmaz bölegi bolup, daş-töweregimizi dürli-dürli reňkler gurşap alýar. Alymlar dünýäde 10 million töweregi reňkiň bardygyny çaklaýarlar. Her kim dünýäni başgaça göz bilen görýär. Şol sebäpli reňkleri saýgarmagyň hem çägi ýok. Fizikada jisim bilen ýagtylygyň özara gatnaşygy netijesinde reňkiň ýüze çykýandygy düşündirilýär. Reňki görmek we saýgarmak üçin ýagtylyk zerur.

Reňkler durmuşymyz we ruhy dünýämiz bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Her bir adamyň öz halaýan reňki bar. Geýýän egin-eşigimiziň, ýatýan otagymyzyň, ulanýan enjamlarymyzyň reňkinden başlap, tebigatdaky ähli öwüşgin bize öz täsirini ýetirýär. Alymlar reňkleriň adam aňyna täsir edýändigini tassyklaýarlar. Reňkler adam duýgularyny beýan etmek bilen bir hatarda, psihologik aýratynlyklara düşünmäge hem ýardam edýär. Megerem, reňkler, olaryň manysy, daş-töwerege täsiri barada öwrenmek hemmeler üçin gyzykly bolsa gerek.

**Ak.** Arassalygy, dostlugy we päk ýürekliligi alamatlandyrýan bu reňki erkinligi hem-de asudalygy halaýan adamlar saýlaýarlar. Ak reňk dowamlylygy we durnuklylygy aňladýar. Ilkinji tanyşlykda ýa-da iş söhbetdeşliginde ak egin-eşik geýmek täze başlangyçlara ýol açýar.

**Ýaşyl.** Tebigaty ýadyňa salýan bu reňk rahatlandyryjy häsiýete eýe bolup, özüňe bolan ynamy güýçlendirýär. Ýaşyl reňkiň köşeşdiriji we rahatlandyryjy häsiýete eýedigi sebäpli, lukmançylyk edaralary içki diwarlaryny ýaşylymtyl reňkleýärler. Ýaşyl reňki, esasan, rahatlygy gowy görýän tebigaty söýüjiler halaýarlar. Ylmy barlaglara görä, uzak wagtlap ýaşyl reňke seredip duranyňdan soň, beýleki reňkleri bada-bat saýgaryp bolmaýar. Ýaşyl reňki parahatçylygy gowy görýän, wepaly we ynamly adamlar saýlaýarlar.

**Gyzyl.** Gan aýlanyşy çaltlandyrýan, işdäni açýan we güýçlüligi aňladýan bu reňk köplenç azyk harytlarynyň nyşanlarynda ulanylýar. Mysal üçin, meşhur brend «Coca Cola» gyzyl reňk bilen tanalýar. Gyzyl reňk tizligi we gujurlylygy hem aňladýar. Şol sebäpli, bu reňki işeňňir adamlar we ýaşlar köp ulanýarlar. Gyzyl reňki has uzakdan saýgaryp bolýandygy sebäpli, köplenç ünsi çekmek üçin hem ulanylýar. Gyzyl reňki halaýan adamlar sabyrsyz bolýarlar.

**Goňur.** Edebiýaty we sungaty ýadyňa salýan bu reňki, esasan hem, döredijilik adamlary halaýarlar. Goňur reňk çalt hereket etmäge, çalt pikirlenmäge itergi berýär. Dünýädäki restoranlaryň köpüsinde müşderileriň çalt iýmegi üçin goňur oturgyçlar, goňur diwarlyklar we goňur bezegler ulanylýar. Goňur reňki halaýanlar bir ýerde durup bilmeýän, yhlasly we işjeň adamlar hasaplanýar.

**Gara.** Bu reňk güýji we hyjuwy aňladyp, işewür adamlar saýlaýarlar. Gara reňk köpler üçin tukatlygy aňladýan hem bolsa, Ýaponiýada bagtyň nyşany hasaplanýar. Gözi ýadatmaýandygy sebäpli, bu reňk gündelik durmuşda köp ýerde ulanylýar. Gara reňki halaýan adamlar güýçli we tutanýerli hasaplanýar.

**Gök.** Dünýäde iň köp ulanylýan reňkleriň biri bolan gök reňki parahatçylygy halaýan, döredijilikli we duýgur adamlar saýlaýarlar. Ummanlary ýadyňa salýan bu reňk asudalygy we saglygy aňladýar. Gök reňk gan basyşyny peseldip, adamyň rahatlanmagyna ýardam edýär. Köp ýurtda bilim edaralarynyň diwarlary açyk gök bilen reňklenýär. Bu reňk netijeliligi ýokarlandyryp, çagalaryň üstünlik gazanmagyny üpjün edýär. Gök reňk bakylygy hem aňladyp, ynamy we ygtybarlylygy aňladýar. Dünýäniň köp sanly guramalarydyr kompaniýalary dostlugyň alamaty bolan gök reňki öz nyşanynda ulanýarlar.

**Sary.** Bu reňk wagtlaýyn üýtgewsizligiň beýany bolup, özüne çekijiligi aňladýar. Adatça taksileriň sary reňkde bolmagy hem özüne çekijilik hem-de az salymlyk wagt bilen düşündirilýär. Çagalaryň köpüsi sary reňkli otagda özüni oňaýsyz duýup aglaýarlar, ulular bolsa, gaharlanyp ugraýarlar. Sary seýrek ýagdaýda ulanylýan reňkleriň hataryna girýär.

**Mämişi.** Özüne çekiji bu reňk futbol toparlarynyň köpüsiniň köýnekçelerinde duş gelýär. Çalt göze ilýän bu reňki, esasan, moda dizaýnerleri we oýnawaç öndürýän kompaniýalar ulanýarlar. Bagtly, joşgunly we gujurly adamlar mämişi reňki saýlaýarlar.

**Gülgün.** Ýüzbe-ýüz bolýan tarapyňa rahatlyk duýgusyny berýän gülgün «ýakymly reňk» diýlip atlandyrylýar. Şol sebäpli şokoladdyr sowgatlyklaryň daşy gülgün reňk bilen örtülýär. Gülgün reňki, esasan, şadyýan, özünden hoşal «romantik» adamlar saýlaýarlar.

**Çal.** Bu reňk bitarap reňk bolup, duýgy taýdan ösen we garaşsyz adamlar saýlaýarlar. Çal reňk, esasan, şäher ýerlerinde meşhur bolup, penjekdir iş eşikleri köplenç çal reňkde bolýar. Portret suratlaryň düşeginde hem çal reňk ulanylýar. Kompaniýalardyr brendleriň logolarynda hem, esasan, çal reňki görmek bolýar. Çal reňki halaýan adamlar akyl we meseläni düýpli pikirlenmek ukyby bilen tanalýarlar.

## SABYRLY BOLMAGYŇ USULLARY

**Sabyrly bolmagyň kyndygyny hemmämiz bilýäris. Käwagt gyssanmak, isleýän zadyňa has çalt ýetmek üçin edilýän hereketler sabyrsyzlyga we lapykeçlige sebäp bolýar. Käte şol zada sabyr edip garaşýan bolsak, käte isleýän zadymyza çaltrak ýetmek isleýäris. Eýsem, sabyrsyzlyk adama nähili täsir edýär? Nädip sabyrly bolmaly?**

Soňky ýyllarda tehnologik enjamlaryň ösmegi bilen täzeliklerden bada-bat habarly bolmak, şahsy isleglerini öýüňde oturan ýeriňde dolandyrmak we sargyt etmek ýaly ýeňillikler döredi. Emma şeýledigine garamazdan adamlaryň köpüsi özüni sabyrsyz duýýarlar. 3 müň töweregi meýletinçiniň gatnaşmagynda geçirilen barlaglaryň netijesine görä, olaryň ýarymyna golaýynyň (45%) soňky bäş ýylda özüni has-da sabyrsyz duýýandygy we muňa tehnologiýanyň sebäpkärdigi bellenilýär. Hünärmenler tehnologiýany günäkärlemegiň ýalňyşdygyny belläp, käbir zatlaryň adamyň özüne baglydygyny aýdýarlar. Sabyrsyzlyk saglyk üçin hem zyýanly bolup, agramyň ýokarlanmagyna, dowamly stresli we gaharjaň bolmaga, gan basyşy we ýürek-damar ulgamy bilen bagly nähoşluklara sebäp bolýar. Durmuşda has sabyrly bolmak üçin nämelere üns bermeli?!

**Meseläni düýpli öwrenmek.** Göwnüçökgün ýagdaýa düşeniňde özüňi biynjalyk edýän zat barada düýpli pikirlenmäge synanyşmaly. Sebäbini kesgitläniňden soň, sabyrsyzlyga ýol berlen ýagdaýa has anyk göz ýetirip bolýar.

**Duýgularyňa erk etmek.** Duýgularyň aşa möwç almagy sabyrsyzlyga sebäp bolýan zatlaryň biridir. Şol sebäpli sabyrlylygy elden bermezlik üçin akyl bilen iş tutmaly. Gözüňi ýumup, uludan dem almaly, pikirleriňi we duýgularyňy gözden geçirmeli.

**Kanagatly bolmak.** Kanagatly adamlar has sabyrly bolýarlar. Käte şowuna bolmadyk zadyňa gaharlananyňda özüňe şowlulyk getiren zatlary ýatlamaly. Şükür etmeli hem-de özüňi köşeşdirmeli.

**Ýagdaýa görä bolmak.** Käwagt ýüze çykan ýagdaýy üýtgetmek üçin edip biljek zadymyzyň ýokdugyna göz ýetirýäris. Şeýle ýagdaýda sabyrsyzlyga ýol bermän, kyndygyna garamazdan isleýän zadymyza garaşmaly. Garaşýan pursadyňy kitap okamak, tapmaça çözmek ýaly peýdaly işler bilen doldurmaly.

**Özüňi gözegçilikde saklamak.** Hereketleriňe we aýdýan sözleriňe gözegçilik etmek sabyrsyzlyga ýol berýän ýagdaýlaryň öňüni almaga ýardam edýär. Sabyrly bolmak üçin tertip-düzgünli bolmaga çemeleşmeli.

**Käbir zada uzak wagtlap güýmenmek.** Käbir ownuk işlere sabryňyz ýetmeýän bolsa, onda ony uzak wagtlap ýerine ýetirmäge synanyşmaly. Özüňi howlukmaç duýýandygyňa garamazdan bir işi ýerine ýetirmek üçin has köp wagt sarp etmeli.

**Şatlanmak.** Lapykeçlik sabyrsyzlyga sebäp bolýan ýagdaýlaryň biridir. «Sabyrly gul dura-bara şat bolar» diýlişi ýaly, gaýgy-aladalary unudyp, özüňi şadyýan alyp barmaga synanyşmaly. Köpräk gülmeli, begenmeli we durmuşdan lezzet almaly.

**Diňlemegi başarmak.** Diňlemek we diňlemegi başarmak sabyrly bolmak üçin möhüm usullaryň biridir. Adamlaryň başdan geçirenlerini ýa-da bolup geçen wakalary diňläniňde howlukmaly däldigine we sabyrly bolmalydygyna düşünýärsiň.

**Bäşdeş bolmazlyk.** Her kimiň öz durmuş ýörelgesi bar. Käbir adamlar ýakynyndakylary özüne bäsdeş hasaplaýarlar. Olaryň gazanan üstünliklerine we derejesine ýetmek isleýärler. Özüň bolup ýaşamak sabyrly bolmagyň esasy usullarynyň biridir.

## DÜNÝÄNIŇ KÖMELEK PAÝTAGTY

ABŞ-nyň Pensilwaniýa ştatynyň günorta-gündogarynda ýerleşýän Kennett meýdany dünýäniň kömelek paýtagty hasaplanýar. Sebäbi ösdürilip ýetişdirilýän emeli kömelekleriň ýarysyndan gowragy bu ýerden eksport edilýär. Kennett meýdanynda kömelek ösdürip ýetişdirmek däbi XIX asyryň ahyrlaryndan gözbaş alýar.

Kennett meýdany 6 müňden gowrak ilaty bolan Çester okrugyndaky kiçijik etraplaryň biridir. Ilkibaşda – 1885-nji ýyllarda gül ösdürip başlan ýerli halk (kwaker) boş meýdanlarda kömelek ekmeli diýen karara gelip, Ýewropadan kömelek sporalaryny getirmek üçin gaýykly ýola düşýärler. Şeýlelik bilen, Kennett meýdanynda ilkinji kömelekler ekilip başlanýar. Soňlugy bilen ýörite hünäre öwrülen kömelek ösdürip ýetişdirmekde işewürler ýüze çykyp, ýörite daýhanlar tutulýar. XX asyryň ortalarynda Kennett meýdanynda ýüzlerçe kömelek görnüşi ekilip başlanýar. Häzirki wagtda bu ýerde 68 kömelek fermasy bar. Kennett meýdanynyň toprak-howa şertleri iýilýän kömelekleri emeli usulda ösdürip ýetişdirmäge mümkinçilik berýär. Bu ýerde seýrek duş gelýän kömelekler bilen birlikde, ýabany kömelekleriň 100-den gowrak görnüşi ösdürilip ýetişdirilýär. Kennett



meýdanynda her ýyl 200 müň tonna «ak telpejikler» öndürilýär.

Dünýäniň kömelek paýtagty bilen ýakyndan tanyşmak isleseňiz, her ýylyň sentýabr aýynda bu ýerde geçirilýän kömelek festiwalyna gatnaşmaly. 1986-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýän bu festiwalda kömelek sergileri bilen bir hatarda, kömelekden taýýarlanan dürli tagamlar hem köpçülige hödürlenilýär. Şeýle hem kömelegiň täze görnüşleri, kim köp kömelek iýmeşik we iň uly kömelek ýaly çäreler geçirilýär. 2 kilometr uzynlykdaky meýdançada geçirilýän bu çärä 250 töweregi kömelekçi (satyjy) we 100 müň töweregi myhman gatnaşýar. Kennett meýdany bahar paslynda syýahat etmek üçin iň gowy ýerleriň biridir.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.



# «Burny polat, guýrugy gaýçy»

**Bahar paslynyň gelmegi bilen tebigata jan girip, gyş ukusyna giden janly-jandarlar oýanýar we guşlar süri bolup yzyna uçup gelýärler. Türkmençilikde garlawaç bahar paslynyň buşlukçysy hasaplanýar. Serçeler toparyna degişli bolan garlawaçlar iň eý görülýän guşlaryň biridir. Petekesi akja, käbiriniň kellesi gyzgylt kiçijik garaja guşlaryň dünýäde 75, ýurdumyzda 6 görnüşi duş gelýär. Olar oba garlawajy, daş garlawajy, dag garlawajy, sapak guýrukly garlawaç, gaýa garlawajy we kenar garlawajy bolup, her garlawaç öz ýaşaýan şertine görä höwürtge gurýar.**





**Tutuş dünýä ýaýran bu guşlar Antarktidada hem duş gelýär. Gaýçy şekilli guýrugy bolan bu guşlar ýurdumyza höwürtgelemäge gelýärler. Iň ökde öý gurujylar hasaplanýan garlawaçlar adatça geçen ýylky guran höwürtgesinde ýumurtgalaýarlar. Eger höwürtgesine zeper ýeten bolsa gaýtadan dikeldýärler. Garlawaçlar adamlaryň ýaşaýan ýerinde, eýwanda, bassyrmanyň aşagynda toýun palçykdyr ownujak ot-çöpden sünnäläp höwürtge gurýarlar. Ýokarsy giň we açyk, aşagy çürelip gidýän höwürtgesiniň içine ýumşak ot we ýelek düşeýärler. Garlawaçlar köplenç 4-6 sany goňrumtyl-gyzyl menekli ak ýumurtga goýýarlar. 15 günläp ýumurtgany basyrandan soňra, bir aýdan gowrak jüýjelerini idedýärler.**

**Ululygy serçe ýaly, agzy uly, kelte çüňkli we çowly ganatly bu guşlar uçup ýören mör-möjekler bilen iýmitlenýärler. Uzynlygy 18-20 santimetre, agramy 17 grama ýetýän bu guşlar çalt uçýandygy bilen tapawutlanýarlar. Garlawaç köp halkda erkinligiň we döwletliligiň nyşany hasaplanýar.**

# WULKAN NÄDIP ATYLÝAR?

**Tebigatda bolup geçýän täsin hadysalar irki asyrlardan bäri adamlaryň ünsüni özüne çekip gelýär. Şeýle hadysalaryň biri hem wulkanyň atylmagydyr. Wulkan adalarda has köp atylýar. Muňa Çili, ABŞ, Indoneziýa, Ýaponiýa, Russiýa, Täze Gwineýa, Islandiýa we Tonga ýaly ýurtlary mysal getirmek bolar. Eýsem, köplenç habarlarda eşidilýän ýa-da kinofilmlerde görülýän bu hadysa nädip emele gelýärkä?**

Köp ýurtda ulanylýan «wulkan» adalgasy rimlileriň ot hudaýy Wulkanyň adyndan gelip çykýar. Türkmen edebi dilinde bu hadysa ýanardag diýilýär. Gyzgyn lawanyň, külüň we gazlaryň ýeriň aşagyndaky magma gatlagyndan atylyp çykmagy netijesinde wulkan emele gelýär. Magma wulkanyň içindäki gyzgyn suwuklyk bolup, Ýer ýüzüne çykandan soň bu gyzgyn läbige lawa diýilýär. Lawa 1 müň 250 dereje gyzgynlyga çenli ýetip, uly aryk ýaly birnäçe kilometre çenli akyp bilýär.

Wulkan köplenç tektonik plitalaryň bölünýän ýa-da birleşýän ýerinde atylýar. Ýeriň tektonik plitalarynyň köpüsiniň suwuň düýbündedigi sebäpli, bu hadysa köplenç ummanlaryň düýbünde bolup geçýär. Şol sebäpli ummanlaryň düýbünde we käbir ýerde suwdan çykyp saýgarylyp duran dag gerişlerini görmek bolýar. Käbir ýerde wagtal-wagtal gyzgyn lawa atylyp, wulkan birnäçe ýyllap gyzyl ot bolup ýanýar. Muňa işjeň wulkan diýilýär. Dünýäde, takmynan, 1 müň 900 sany işjeň wulkan bar. Ýer ýüzündäki iň işjeň wulkan Gawaidäki «Mauna Loa» hasaplanýar.



«Mauna Loa» dünýäniň iň beýik nokady Ewerest dagyndan beýik bolup, beýikligi 9 müň 170 metre ýetýär. Käbir wulkan atylandan soň, birnäçe ýyldan gurap, daş-töwereginde owadan peýzaž emele gelýär. Bular sönen wulkan bolup, başgaça krater hem diýilýär. Kraterleriň esasy bölegine Russiýada we Afrika ýurtlarynda duş gelmek bolýar.

Wulkanyň atylmagy şol ýeriň temperaturasyna hem täsir edýär. Wulkandaky kül we kükürt kislotasynyň damjalary Güni örtýär we Ýeriň troposferasyny sowadýar. Uly wulkanlaryň atylmagy netijesinde käbir ýerde uzak wagtlap gyş pasly dowam edýär. Astronomlar Ýerden başga planetalarda hem wulkanyň bardygyny belleýärler. Mysal üçin, Wenerada we Marsda örän köp wulkanyň bardygy çaklanylýar. Gün ulgamyndaky iň uly wulkan Marsdan tapylan «Olympus Mons» hasaplanýar.

## Jandarlara öýüne barmaga kömek ediň!



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!





# Reňkler barada gyzykly maglumatlar

- Iňlis fizigi Isaak Nýuton 1665-nji ýylda «reňkli tigir» oýlap tapýar. 7 reňkden ybarat halka gyzyl bilen başlanyp (mämişi, sary, ýaşyl, gök, syýa), mawy reňk bilen jemlenipdir.
- 1840-njy ýyllara çenli gyzyl reňkli gelin lybaslary meşhur bolýar. Şa zenany Wiktoriýa ak reňkli toý lybasyny geýip, täze toý däbini ýola goýýar.
- Köp adamda bolup geçen wakalary reňk bilen baglanyşdyrmak duýgusy bar. Muňa reňk fobiýasy diýilýär. Şeýle adamlar bir reňki gören wagty begenip ýa-da başgasyny görende gynanyp, howsalaly ýagdaýa düşüp bilýär.
- Çaganyň ilkinji saýgarýan reňki gyzyl bolup, görşi we beýnidäki nerw damarlaryny ösdürýär.
- Öküzler aslynda gyzyl reňki ýigrenmeýärler. Aslynda öküz islendik herekete gaharlanyp bilýär.
- Gülgün köşeşdiriji reňk hasaplanýar. Bu reňk köplenç saglyk edaralarynda ulanylýar. Çalt gaharlanýan adamlara gülgün güllere ýa-da şol reňkdäki diwarlyklara seretmek maslahat berilýär.
- Gök bütin dünýäde iň halanýan reňk hasaplanýar. Parahatçylygyň nyşany hasaplanýan bu reňk köplenç halkara söwda edaralary tarapyndan ulanylýar.
- Sary we gyzyl reňk iýip-içmäge bolan isleg duýgusyny döredýär. Şol sebäpli mahabat we restoran bezeglerinde bu iki reňkiň sazlaşygy köp ulanylýar.
- Gara reňkli egin-eşik, ýagny gara reňkli köýnek, penjek we jalbar adamy salyhatly hem-de başarnykly görkezýär. Ýewropada gara egin-eşikleri geýýänleri «güýçli adam» hasaplaýarlar.



**19-njy KROSSWORD**

**Kakamyrat AMANKULYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*







## 20-nji KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Hepdäniň bir güni. **2.** Bulam-bujar, ...-dökän. **3.** Magtymguly Pyragynyň okan medreseleriniň biri. **4.** Bir ýerde ýer alma, ýerleşme. **5.** Boýuntyrygyň ortasyna berkidilýän agaç. **6.** «... miwesinden belli, adam – hilesinden» (nakyl). **7.** Fransiýanyň bir futbol topary. **12.** Afrikada bir köl. **15.** Howsala düşmek, aljyramak. **16.** Palestinada bir şäher. **17.** Dilden bildirilýän närazylyk. **18.** Göz, göreç. **20.** Iordaniýanyň paýtagty. **21.** Demre kislorodyň täsir etmegi netijesinde emele gelýän we iýlip gitmegine sebäp bolýan gyzylymtyl-goňur gatlak. **25.** Materiýanyň hereketlenişiniň ölçegi we iş öndürip biliş ukyby. **26.** Derwüş (köne söz). **29.** Gadymy Müsürde patyşa. **31.** Ýylmama, owadanlama. **34.** Gurbannazar Ezizowyň bir goşgusy. **35.** Italiýanyň awtoulag kompaniýasy. **36.** ...-munda.

**KESELIGINE:** **3.** Meşhur nemes ýazyjysy. **8.** «Il agzyny ýygyp bolmaz, ... agzyny – bogup» (nakyl). **9.** Möhüm, zerur. **10.** Günorta Amerikada bir döwlet. **11.** Gumda bitýän, çerkeze meňzeş gyrymsy ösümlik. **13.** Sowatly, okumyş. **14.** Ýumşak we ýuka gaýyşdan ökjesiz tikilýän aýakgap. **18.** Dört tarapyň biri. **19.** Italiýada bir kommuna. **22.** Russiýada bir şäher. **23.** Derýanyň, ýabyň bölünip gidýän şahasy. **24.** Bir wakanyň şanyna geçirilýän dabaraly toý. **27.** ABŞ-da bir şäher. **28.** Gawunyň bir görnüşi. **30.** «Batar günüň ... daňy bar» (nakyl). **32.** Tohum at. **33.** Şwesiýanyň mebel öndürýän kompaniýasy. **37.** Çykgynsyz ýagdaýa düşen, heläkçilige uçran. **38.** Tikin maşynlarynda daşyna sapak saralan tegelejik enjam. **39.** Ilik. **40.** Gyz ady.

**Gülälek HAÝDAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

# Türkmenistanyň milli ýygyndysy saýlama duşuşyklaryna ýeňiş bilen başlady

Ýene-de 2 ýyldan, ýagny 2027-nji ýylda Saud Arabystanynda geçiriljek Aziýa Kubogy ýaryşynyň saýlama duşuşyklarynyň 3-nji tapgyrynyň çäginde ildeşlerimiz toparçadaky ilkinji duşuşygynda ýeňiş gazandy. «D» toparçada çykyş edýän türkmen futbolçylary myhmançylykda Hytaý Taýpeýi bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda türkmenistanly futbolçylar 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. 1-nji ýarymy golsuz geçen duşuşygyň 2-nji ýarymyna ildeşlerimiz gol bilen başlady. Oýnuň 48-nji minutynda Elman Tagaýew hasaby açdy. Ýer eýeleri 63-nji minutda Ange Kuameniň goly bilen hasaby deňledi. Duşuşygyň 83-nji minutynda bolsa Ýazgylyç Gurbanow tapawutlanyp, toparymyza ýeňiş getiren oýunçy boldy. Şunlukda, Türkmenistanyň ýygyndysy ilkinji duşuşygynda myhmançylykda üstün çykyp, 3-nji saýlama tapgyra ýeňiş bilen başlady.



Toparçadaky beýleki duşuşykda bolsa Tailandyň ýygyndysy öz meýdançasynda Şri Lankanyň ýygyndysyny Patrik Gustawssonyň 43-nji minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

Toparçadaky 2-nji duşuşyklar 10-njy iýunda oýnalar. Şonda Türkmenistanyň ýygyndysy Aşgabatda Tailandyň ýygyndysyny kabul eder.

**3-nji saýlama tapgyryň toparçalarynda geçirilen 1-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

«A»: Filippinler — Maldiwler: 4–1, Täjigistan — Timor-Lester: 1–0; «B»: Butan — Ýemen: 0–0, Liwan — Bruneý: 5–0; «C»: Singapur — Gonkong: 0–0, Hindistan — Bangladeş: 0–0, «D»: Hytaý Taýpeýi — Türkmenistan: 1–2, Tailand — Şri Lanka: 1–0; «E»: Mýanma — Owganystan: 2–1, Siriýa — Pakistan: 2–0; «F»: Wýetnam — Laos: 5–0, Malaýziýa — Nepal: 2–0.

# Şanhaýda-da «McLaren» topary öňe saýlandy

Formula 1 boýunça möwsümiň 2-nji ýaryşy Hytaýda geçirilip, Şanhaý şäheriniň adybir halkara trassasynda guralan ýaryşda «McLaren» topary goşa üstünlik gazandy. 56 aýlawdan ybarat bolan ýaryşda awstraliýaly Oskar Piastri 1 sagat 30 minut 55,026 sekuntda pellehanadan geçip, karýerasyndaky 3-nji ýeňşini baýram etdi. Piastriniň topardaşy, möwsümiň 1-nji ýaryşynyň ýeňijisi britaniýaly Lando Norris 9,748 sekunt giç pellehana gelip, 2-nji ýeri eýeledi. «Mercedes» toparynyň britan sürüjisi Jorj Rassell ýaryşy 3-nji orunda tamamlady. Soňky 4 ýylyň çempiony, niderland Maks Werstappen («Red Bull») 4-nji ýer bilen kanagatlanmaly boldy.




«Ferrari» toparynyň sürüjileriniň alan netijeleri hasaba alynmady. Ýaryşyň düzgünlerini doly berjaý etmedik Şarl Lekler aslynda 5-nji, Lýuwis Hamilton bolsa 6-njy bolup ýaryşy tamamlapdy.

Geçirilen 2 ýaryşdan soň Norris 44 utuk bilen 1-nji orny eýelese, Werstappen 36 utuk bilen 2-nji, 35 utukly Rassell 3-nji ýerde barýar.

Möwsümiň 3-nji «Gran Prisi» 6-njy aprelde Ýaponiýanyň Suzuka şäherinde geçiriler.

# Yzly-yzyna 2-nji üstünligi

**Dünýä Ralli çempionatynda möwsümiň 3-nji ýaryşy Keniýada geçirilip, 21 tapgyrdan ybarat bolan 384,86 kilometrlik bäsleşikde «Toyota Gazoo» toparynyň britan piloty Elfin Ewans ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 4 sagat 20 minut 03,8 sekuntda tamamlap, şu möwsümdäki bassyr 2-nji, karýerasy boýunça-da 11-nji ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda 2-nji ýeri «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak, 3-nji orny-da ýene şol topardan belgiýaly Tierri Noýwill eýeledi.**

**Tamamlanan 3-nji ýaryşdan soň Ewans 88 utuk bilen sanawda 1-nji orunda barýar. Noýwilliň 52, Tanakyň 49 utugy bar. Möwsümiň 4-nji ýaryşy 24-27-nji aprelde Ispaniýanyň Las Palmas şäherinde geçiriler.**













# UEFA Milletler Ligasynda ýarym finala çykanlar belli boldy

**UEFA Milletler Ligasynda ýarym finala çykanlar, şol sanda pleý-off duşuşyklaryndan soň haýsy toparlaryň haýsy ligada çykyş etjekdigi belli boldy.**

Çärýek final duşuşyklary, esasanam, jogap oýunlary diýseň çekeleşikli ýagdaýda geçdi. Öz meýdançasynda Germaniýadan 2-1 (Klýaýndinst 49, Goreska 76 — Tonali 9) hasabynda asgyn gelen Italiýa jogap duşuşygynda soňky minutlarda ýeňlişden halas bolsa-da, bu olara ýeterlik bolmady. 1-nji ýarymyň soňky 15 minutynda nemesler Kimmihdir (30 p) Musialanyň (36) hem-de Klýaýndinstiň (45) gollary bilen 3–0 hasabynda öňe geçdi. Italýanlar 2-nji ýarymda 3 gol geçirse-de, olara ýarym finala çykmak başartmady. Moýza Keniň 49-njy we 69-njy minutlardaky gollary hem-de Raspadoriniň 90+5-nji minutda (p) geçiren goly italýanlary ýeňşe ýetirmedi.

Splitde Budimir hem-de Perişiçiň gollary esasynda Fransiýany 2–0 hasabynda ýeňen Horwatiýa jogap duşuşygynda esasy wagtda şol hasap bilen asgyn geldi. Fransiýanyň ýygyndysynda 2 oýnuň netijesini deňlän gollary Olise bilen Dembele geçirdi. Oýundan soňky 11 metr jerime urgularynda bolsa taraplar 7 urgy ýerine ýetirip, Fransiýa 5–4 hasabynda üstün çykdy.

1-nji oýunda Daniýanyň ýygyndysy Portugaliýany Rasmus Hýoýlunnyň 78-nji minutdaky goly bilen 1–0 ýeňdi. Jogap duşuşygy has çekeleşikli geçip, Portugaliýanyň ýygyndysy goşmaça wagtda 5–2 hasabynda ýeňiş gazandy. Esasy wagty 3–2 hasabynda tamamlanan oýunda Portugaliýanyň gollaryny Andersen (38, ö.d.), Ronaldo (72), Trinkao (86, 91) hem-de Ramuş (115), myhmanlaryň gollaryny bolsa Kristensen (56) bilen Eriksen (76) geçirdi. Oýnuň başlarynda super ýyldyz Kristiano Ronaldonyň ýerine ýetiren 11 metrlik jerime urgusyny derwezeçi Şmeýhel saklady. Bu onuň takyk bolmadyk 32-nji 11 metrlik jerime urgusy boldy (205 urguda).

Rotterdamda soňky minutlarda ýeňlişden halas bolan Ispaniýanyň ýygyndysy Niderlandlaryň ýygyndysyny 11 metr jerime urgularynyň netijesinde ýaryşdan çykardy. 1-nji duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanyp, ýer eýelerinden Gakpo (28) bilen Reýnders (46), ispanlardan Niko Williams (9) bilen Merino (90+3) tapawutlandy. Walensiýada oýnalan jogap duşuşygynyň hem esasy wagtynda 1-nji oýnuň hasaby gaýtalandy. Niderlandlar ýer eýelerinden Oýarzabalyň gollaryna (8 p, 67), Depaý (54 p) hem-de Maatseniň (79) gollary bilen jogap berdi. Goşmaça wagtda, has takygy, 103-nji minutda Ýamal ispanlary öňe saýlasa-da, Simons 109-njy minutda 11 metrlik jerime urgusyny dürs urup, hasaby deňledi. Oýundan soňky 11 metrlik jerime urgularynda bolsa ispanlar 5–4 hasabynda öňe saýlandy we ýarym finala çykmagy başardy.

Ýarym finalyň duşuşyklary şu ýylyň tomsunda, iýun aýynda Germaniýanyň Münhen hem-de Ştutgart şäherlerinde geçiriler. Ýarym finalda 4-nji iýunda Germaniýa bilen Portugaliýa, 5-nji iýunda-da Ispaniýa bilen Fransiýa duşuşar. Ýeňiş gazananlar 8-nji iýundaky finalda Münhendäki «Allianz Arenada» özara güýç synanyşarlar.




## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*28-nji mart (anna)*
Bohum – Baýer (00:30)

*29-njy mart (şenbe)*
Bawariýa – Sankt-Pauli (19:30)
Borussiýa M – Leipsig (19:30)
Espanýol – Atletiko (20:15)
Ýuwentus – Jenoa (22:00)
**Beşiktaş – Galatasaraý (22:30)**
Aýntraht – Ştutgart (22:30)
Sent-Etien – PSŽ (23:00)
Leççe – Roma (00:45)
Real Madrid – Leganes (01:00)
Monako – Nissa (01:05)

*30-njy mart (ýekşenbe)*
**PSW – Aýaks (17:30)**
**Fiorentina – Atalanta (18:00)**
Barselona – Žirona (19:15)
Borussiýa D – Maýns (20:30)
Bornmut – Man. Siti (20:30)
Inter – Udineze (21:00)
Zenit – Rubin (21:30)
**Napoli – Milan (23:45)**
Lill – Lans (23:45)
**Betis – Sewilýa (00:00)**

*31-nji mart (duşenbe)*
Lasio – Torino (23:45)

*1-nji aprel (sişenbe)*
Arsenal – Fulham (23:45)
**N. Forest – M. Ýunaýted (00:00)**
**Real Madrid – R. Sosiedad (00:30)**

*2-nji aprel (çarşenbe)*
**Fenerbahçe – Galatasaraý (22:45)**
Man. Siti – Lester (23:45)
Liwerpul – Ewerton (00:00)
**Milan – Inter (00:00)**
**Atletiko – Barselona (00:30)**

*3-nji aprel (penşenbe)*
**Çelsi – Tottenham (00:00)**

## Bir sözlemde




☑ Gresiýanyň Pylos şäherinde geçirilen Halkara Olimpiýa Komitetiniň 144-nji sessiýasynda geçirilen saýlawlaryň netijesinde zimbabweli ozalky ýüzüji, Olimpiýa çempiony Kirsti Kowentri HOK-yň täze Prezidenti bolup (10-njy Prezidenti), ol bu wezipä saýlanan ilkinji zenan hem-de ilkinji afrikaly şahsyýet hökmünde hasaba alyndy.

☑ Italiýanyň çempionaty «Serie A»-da «Ýuwentus» topary italiýaly tälimçisi Tiago Mottany wezipesinden boşadyp, onuň ornuna ozal klubda 7 ýyl futbol oýnan horwatiýaly Igor Tudor bilen häzirlikçe möwsümiň ahyryna çenli şertnama baglaşdy.

☑ KONKAKAF Milletler Ligasynyň finalynda Meksikanyň ýygyndysy Panamanyň ýygyndysyny Raul Himenesiň 8-nji we 90+2-nji (p) minutlarda geçiren gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňip, bu kubogy ilkinji gezek gazanmagy başardy.

# ÝAPONIÝA, TÄZE ZELANDIÝA, EÝRAN hem-de ARGENTINA

**Geljek ýylyň iýun-iýul aýlarynda 3 ýurtda – ABŞ-da, Kanadada we Meksikada geçiriljek 23-nji Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň duşuşyklary dowam edýär. Saýlama duşuşyklarynyň mart aýyndaky geçirilişinden soň ähli yklymlar boýunça 4 ýygyndy 23-nji Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Olaryň 2-si Aziýadan – Ýaponiýa bilen Eýranyň milli toparlary, şol sanda Okeaniýanyň iň güýçli topary Täze Zelandiýanyň ýygyndysy hem-de Günorta Amerikanyň wekili, Dünýä Kubogynyň häzirki eýesi Argentinanyň ýygyndysy wagtyndan öň futbolyň iň uly ýaryşyndan özlerine ýer aýyrdyp goýdular. Umumylykda ýer eýeleri bilen 48 ýygyndynyň 7-si häzirden belli bolup, galan 41 orun üçin göreş dowam eder.**

### 1998-nji ýyldan bäri yzyny üzenok

● Aziýa zolagynda Ýaponiýanyň ýygyndysy ilkinji bolup ýollanma gazanan topar boldy. «C» toparçada öz meýdançasynda Bahreýniň ýygyndysyny Kamada (66) hem-de Kubonyň (87) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen ýaponlar bassyr 8-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandylar. Ilkinji gezek 1998-nji ýylda gatnaşan Ýaponiýanyň ýygyndysy şondan bäri ýeke gezek hem säwlik goýbermän gelýär. Ýaponiýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda-da Saud Arabystanynyň ýygyndysy bilen golsuz deňme-deň oýnady. Saud Arabystanynyň milli topary bu oýundan öň Hytaýyň ýygyndysyny S. Al-Dawsariniň 50-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Bu toparçada Awstraliýanyň ýygyndysy ilki Indoneziýanyň milli toparyny 5–1, soňra myhmançylykda Hytaýyň ýygyndysyny 2–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşyklarda Jekson Irwin 3, Nişan Welupillaý 2 gezek tapawutlandy. Toparçada 2-nji ýeri eýelemek üçin Awstraliýa bilen Saud Arabystanynyň milli ýygyndylarynyň arasynda ýiti göreş dowam edip, olaryň ikisi iň soňky oýunda özara duşuşarlar.



### Aziýadan 2-nji topar — Eýranyň ýygyndysy

● Ýaponiýadan soň Aziýadan gatnaşjak 2-nji ýygyndy Eýranyň milli topary boldy. Olar ilki BAE-niň ýygyndysyny Azmunyň (45+27) hem-de Mohebiniň (70) gollary bilen 2–0 hasabynda utdy. Duşuşygyň 1-nji ýarymy käbir tehniki kemçilikler sebäpli 27 minut giç tamamlandy. Soňra öz meýdançasynda Özbegistanyň ýygyndysyny kabul etdi. Özbegistanyň ýygyndysy bu duşuşykdan öň Gyrgyzystanyň ýygyndysyny Alijonowyň ýeke-täk goly bilen utupdy. Tährandaky duşuşyk çekeleşikli geçip, myhmançylykdaky Özbegistanyň ýygyndysy 2 gezek öňe saýlandy. Ýöne her gezekde hem eýranly futbolçylar hasaby deňlemegi başardy. Erkinowyň (16) hem-de Faýzullaýewiň (53) gollaryna Mehdi Taremi (52, 83) jogap berdi. Netijede, duşuşyk 2–2 hasabynda deňlikde tamamlandy we Eýranyň ýygyndysy yzly-yzyna 4-nji, umumylykda-da 7-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazandy. Özbegistanyň ýygyndysy Dünýä Kubogyna gatnaşmagyň bosagasynda bolup, olar 5-nji iýunda myhmançylykda BAE-niň ýygyndysy bilen duşuşar. Bu duşuşyk deňlikde tamamlanan ýagdaýynda Özbegistanyň ýygyndysy taryhynda ilkinji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşar.



«B» toparçada sanawyň lideri Koreýa Respublikasynyň ýygyndysy ilki Omanyň, soňra Iordaniýanyň ýygyndylary bilen duşuşyp, ikisi bilenem 1–1 hasabynda deňme-deň oýnady. 8 oýnuň 4-sinde deňme-deň oýnan koreýler nobatdaky duşuşygynda myhmançylykda Yragyň milli topary bilen duşuşar we bu oýunda gazanyljak 1 utuk olary Dünýä Kubogyna ýolagçy eder.



### 16 ýyldan soň 3-nji gezek gatnaşýar

● Umumylykda saýlama duşuşyklarynda Täze Zelandiýanyň ýygyndysy Ýaponiýadan soň Dünýä Kubogyna gatnaşjak 2-nji ýygyndy boldy. Olar bu ugurda Okeaniýa zolagynyň 3-nji tapgyrynyň finalynda Täze Kaledoniýanyň milli ýygyndysyny 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Oklend şäherinde oýnalan finalda ýer eýelerine ýeňiş getiren gollary Boksall, Barbaroses hem-de Jast geçirdi. Ýarym finalda bolsa Täze Zelandiýanyň ýygyndysy Fijiniň milli toparyny 7–0 hasabynda ýeňip, duşuşykda Kris Wud het-trik etdi. Netijede, Täze Zelandiýanyň ýygyndysy 2010-njy ýyldan soň 3-nji gezek Dünýä Kubogynda çykyş etmäge hukuk gazandy (1982, 2010, 2026).

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | EÝRAN | 8 | 6 | 2 | 0 | 16-7 | 20 |
| 2 | ÖZBEGISTAN | 8 | 5 | 2 | 1 | 11-7 | 17 |
| 3 | BAE | 8 | 4 | 1 | 3 | 14-7 | 13 |
| 4 | KATAR | 8 | 3 | 1 | 4 | 16-21 | 10 |
| 5 | GYRGYZYSTAN | 8 | 2 | 0 | 6 | 9-15 | 6 |
| 6 | KHDR | 8 | 0 | 2 | 6 | 7-16 | 2 |

Özbegistan—Gyrgyzystan: 1–0, Eýran—BAE: 2–0, Katar—KHDR: 5–1; Gyrgyzystan—Katar: 3–1, Eýran—Özbegistan: 2–2, KHDR—BAE: 1-2

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | KOREÝA RES. | 8 | 4 | 4 | 0 | 14-7 | 16 |
| 2 | IORDANIÝA | 8 | 3 | 4 | 1 | 13-7 | 13 |
| 3 | YRAK | 8 | 3 | 3 | 2 | 8-7 | 12 |
| 4 | OMAN | 8 | 3 | 1 | 4 | 8-10 | 10 |
| 5 | PALESTINA | 8 | 1 | 3 | 4 | 7-12 | 6 |
| 6 | KUWEÝT | 8 | 0 | 5 | 3 | 7-14 | 5 |

Koreýa Res.—Oman: 1–1, Yrak—Kuweýt: 2–2, Iordaniýa—Palestina: 3–1; Koreýa Res.—Iordaniýa: 1–1, Palestina—Yrak: 2–1, Kuweýt—Oman: 0–1

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ÝAPONIÝA | 8 | 6 | 2 | 0 | 24-2 | 20 |
| 2 | AWSTRALIÝA | 8 | 3 | 4 | 1 | 13-6 | 13 |
| 3 | S. ARABYSTANY | 8 | 2 | 4 | 2 | 4-6 | 10 |
| 4 | INDONEZIÝA | 8 | 2 | 3 | 3 | 8-14 | 9 |
| 5 | BAHREÝN | 8 | 1 | 3 | 4 | 5-13 | 6 |
| 6 | HYTAÝ | 8 | 2 | 0 | 6 | 6-19 | 6 |

Awstraliýa—Indoneziýa: 5–1, Ýaponiýa—Bahreýn: 2–0, S. Arabystany—Hytaý: 1–0; Ýaponiýa—S. Arabystany: 0–0, Hytaý—Awstraliýa: 0–2, Indoneziýa—Bahreýn: 1–0



GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 14 | 10 | 1 | 3 | 26-8 | 31 |
| 2 | EKWADOR | 14 | 7 | 5 | 2 | 13-5 | 23 |
| 3 | URUGWAÝ | 14 | 5 | 6 | 3 | 17-10 | 21 |
| 4 | BRAZILIÝA | 14 | 6 | 3 | 5 | 20-16 | 21 |
| 5 | PARAGWAÝ | 14 | 5 | 6 | 3 | 11-9 | 21 |
| 6 | KOLUMBIÝA | 14 | 5 | 5 | 4 | 18-14 | 20 |
| 7 | WENESUELA | 14 | 3 | 6 | 5 | 13-17 | 15 |
| 8 | BOLIWIÝA | 14 | 4 | 2 | 8 | 14-30 | 14 |
| 9 | PERU | 14 | 2 | 4 | 8 | 6-17 | 10 |
| 10 | ÇILI | 14 | 2 | 4 | 8 | 9-21 | 10 |

Paragwaý—Çili: 1-0, Braziliýa—Kolumbiýa: 2-1, Peru—Boliwiýa: 3-1, Ekwador—Wenesuela: 2-1, Urugwaý—Argentina: 0-1; Boliwiýa—Urugwaý: 0-0, Kolumbiýa—Paragwaý: 2-2, Wenesuela—Peru: 1-0, Argentina—Braziliýa: 4-1, Çili—Ekwador: 0-0

### Çempion çempionlygyny gorar

● Günorta Amerika zolagyndan hem 1 topar wagtyndan öň futbolyň iň uly baýramçylygynyň myhmany bolmaga hukuk gazandy. Kubogyň häzirki eýesi Argentinanyň ýygyndysy myhmançylykda Urugwaýyň ýygyndysyny Almadanyň 68-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu duşuşykdan soň argentinlere çempionlyklaryny goramak üçin ilkinji ädimi ätmäge 1 utuk ýeterlikdi ýa-da Boliwiýanyň milli toparynyň utuk ýitirmegi gerekdi. 14-nji duşuşyklardan soň bu şertleriň ikisi hem hasaba alyndy we Argentinanyň ýygyndysy Braziliýanyň ýygyndysy bilen duşuşmazdan öň, Dünýä Kubogynyň wekilçiligi bilen meýdança çykdy. Sebäbi Boliwiýanyň milli topary öz meýdançasynda Urugwaýyň ýygyndysy bilen golsuz deňme-deň oýnapdy. Ýöne şonda-da Argentinanyň ýygyndysynyň Buenos Aýresdäki «Monumental» stadionynda oýnalan duşuşykda köne bäsdeşi sambaçylara nebsi agyrmady. Güýçli garşydaşyny 4–1 hasabynda ýeňen Argentinanyň düzüminde Messi, Dibala, Martines ýaly esasy ýyldyzlar şikesi sebäpli oýnap bilmedi. Duşuşykda argentinleriň gollaryny Hulian Alwares (4), Enzo Fernandes (12), Aleksis Mak Allister (37) hem-de Juliano Simeone (71) geçirdi. Brazilleriň ýeke-täk goluny bolsa 26-njy minutda Mateus Kunýa öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, Argentinanyň ýygyndysy güýçli garşydaşyny Dünýä Kubogynyň 1 gezekki saýlama tapgyrynda ilkinji sapar 2 gezek ýeňmegi başardy. 1-nji oýunda-da Argentinanyň ýygyndysy 1–0 hasabynda utupdy. 62 ýyldan soň esasy bäsdeşini uly hasap bilen ýeňen Argentinanyň ýygyndysy 6 ýyla golaý wagtdan bäri Braziliýanyň ýygyndysyndan ýeňilmän gelýär. Başgaça aýdylanda, Braziliýanyň milli toparyna 6 ýyla golaý wagtdan bäri Argentinanyň milli ýygyndysyny ýeňmek başardanok. Mundan öň Argentinanyň ýygyndysy Braziliýanyň ýygyndysyny 1963-nji ýylyň 24-nji martynda uly hasap bilen, 3–0 hasabynda ýeňipdi (bu gezekki 62 ýyldan soň 25-nji martda hasaba alyndy). Braziliýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň bir duşuşygynda ilkinji gezek 4 gol geçirtdi. Bu olaryň 2014-nji ýyldaky Dünýä Kubogynyň ýarym finalyndan soň (7–1) iň köp gol geçirden resmi duşuşygy boldy.



Braziliýanyň ýygyndysy bu duşuşykdan öň Kolumbiýanyň ýygyndysyny Winisius Junioryň 90+8-nji minutda geçiren goly bilen 2–1 hasabynda ýeňipdi. Kolumbiýanyň ýygyndysy bolsa 2-nji duşuşygynda oýnuň başynda 2–0 öňe saýlansa-da, Paragwaýyň ýygyndysy meýdançany 1 utuk bilen terk etdi (2–2). Yklymyň Dünýä Kubogyna gatnaşyp bilmedik ýeke-täk topary Wenesuelanyň milli topary öz meýdançasynda Rondonyň 41-nji minutda 11 metrlik jerime urgusyndan geçiren ýeke-täk goly esasynda Perunyň ýygyndysyny 1–0 hasabynda utdy.

### Ýewropada-da badalga berildi



● Ýewropa zolagynda-da 5 toparly toparçalarda Dünýä Kubogy 2026-nyň saýlama duşuşyklaryna badalga berildi. «G» toparçada Polşanyň ýygyndysy Litwanyň ýygyndysyny 1–0, Maltanyň ýygyndysyny 2–0 hasaplar esasynda ýeňip, 2 oýunda 6 utuk toplady. «H» toparçada-da Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy myhmançylykda Rumyniýanyň milli toparyny 1–0, öz meýdançasynda Kipriň ýygyndysyny 2–1 hasaplar bilen utdy. «I» toparçada 2 duşuşygyny-da myhmançylykda geçiren Norwegiýanyň ýygyndysy ilki Moldowanyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol girizdi. 2-nji duşuşykda-da Ysraýylyň milli toparyny 4–2 ýeňen norwegiýalylaryň ýyldyzlary Holann bilen Sörlot her oýunda 1 goly öz atlaryna ýazdyrdylar. «J» toparçada-da Gazagystanyň milli toparyny 3–1 ýeňen Uelsiň ýygyndysy myhmançylykda Demirgazyk Makedoniýanyň ýygyndysy bilen 1–1 deňme-deň oýnady. «K» toparçada Angliýanyň ýygyndysy täze tälimçisi Tomas Tuheliň ýolbaşçylygyndaky ilkinji 2 duşuşygynda säwlik goýbermedi. Albaniýanyň ýygyndysyny 2–0, Latwiýanyň milli toparyny-da 3–0 hasaplar bilen ýeňen iňlisleriň ýyldyz hüjümçisi Harri Keýn her duşuşykda 1 gezek tapawutlandy. «L» toparçada Çehiýanyň milli topary Farer adalarynyň ýygyndysy Patrik Şikiň gollary bilen 2–1 ýeňeninden soň, myhmançylykda-da Gibraltaryň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizdi. Şik bu oýunda-da 1 goly öz adyna ýazdyrdy.



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!


«TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ
«TÜRKMENTURBA» ZAWODY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we ähli halkymyzy gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!**
Ruhubelent halkymyzyň eşretli durmuşynyň, bagtly geljeginiň hatyrasyna Beýik Biribar Sizi mydama öz penasynda aman saklasyn, janyňyz sag, ömrüňiz uzak, il-ýurt bähbitli işleriňiz hemişe rowaç bolsun!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

«Garagum Ulag» H. J.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy mynasybetli Sizi we halkymyzy tüýs ýürekden gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Halkymyz bereketden, sahawatdan, haýyr işlerden doly Oraza aýynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe il-ýurdumyzyň abadan durmuşy üçin alyp barýan ähli işleriňiziň mundan beýläk-de rowaç bolmagyny arzuw edip, doga-dilegler edýär. Mukaddes Oraza aýynda okalan doga-dilegler Beýik Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

Hyzmat Tijegli Hususy kärhana

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we ildeşlerimizi iň mukaddes baýramlaryň biri bolan Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!
Oraza aýynda halkymyz ata Watanymyzyň gülläp ösmeginiň, halkymyzyň bagtly we abadan durmuşda ýaşamagynyň, ruhy-medeni gymmatlyklarymyzy hem-de parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, raýdaşlyk ýaly ýörelgelerimizi artdyrmagyň bähbidine, milli agzybirligimizi we jebisligimizi has-da berkitmegiň hatyrasyna doga-dilegler edýär. Şunda ýaşlaryň ynsanperwerlik, watansöýüjilik we paýhasly pederlerimiziň döreden asylly ýörelgelerine ygrarlylyk esasynda terbiýelenmegine aýratyn ähmiýet berilýär.
**Hormatly Prezidentimiz!**
Alyp barýan ähli sogaply işleriňiz üçin halkymyz Size alkyş aýdyp, Allatagaladan janyňyzyň sag, başyňyzyň hemişe dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny dileýär. Ýurduň gülläp ösmegi, halkyň hal-ýagdaýynyň has-da gowulanmagy üçin alyp barýan işleriňizde Size güýç-kuwwat dileg edýäris!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TIJEGLI HYZMAT» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

AGRi

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!**
Agyz beklenip, dost-ýarlary, dogan-garyndaşlary myhmançylyga çagyryp, agzaçar edilip, gudraty güýçli Allatagaladan birek-birege gowulyklaryň dilenýän aýy bolan mukaddes Remezan aýynda Oraza baýramy mynasybetli Size we mähriban halkymyza iň gowy arzuwlarymyzy ýetirýäris.
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

Balgaýmak

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli gutlaýarys!
Ähli musulman dünýäsinde bolşy ýaly, ýurdumyzda hem mukaddes Remezan aýynyň tamamlanmagy bilen Oraza baýramy bellenilýär.
**Hormatly Prezidentimiz!**
Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde rowaçlyk arzuw edýäris!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

nowaeco

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!**
Mukaddes Remezan aýynda Size we mähriban halkymyza dünýädäki ähli gowulyklary arzuw edýäris! Oraza halklary biri-birine ýakynlaşdyrýar. Bu baýramyň many-mazmunynda halkymyzyň beýik medeniýeti, gadymy däp-dessurlary, ynanç-adatlary jemlenendir. Oraza aýynda Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, tutumly işleriňizde rowaçlyk dileg edýäris!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TOPRAK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ÇEPER GURLUŞYK

«ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Oraza baýramy Türkmenistanda halkymyzyň giňden belleýän baýramlarynyň biridir. Sizi we ähli halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!
**Hormatly Prezidentimiz!** Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, ömrüňiziň uzak bolmagyny, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly-uly üstünlikler gazanmagyňyzy gudraty güýçli Allatagaladan dileýäris!
Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# ORAZA BAÝRAMYŇYZ GUTLY BOLSUN!

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda ruhy päkligiň we sahawatlylygyň, hoşniýetliligiň we abadançylygyň nyşany hökmünde uly dabara bilen giňden bellenip geçilýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

Bütin bir aýyň dowamynda agyz beklemek ynsan synasyna, kalbyna tämiz duýgulary bagyşlaýar.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz!**

Gudraty güýçli Allatagala mukaddes Remezan aýynda tutulan orazalaryň, edilen ýagşy doga-dilegleriň hormatyna il-ýurt bähbitli, döwlet ähmiýetli alyp barýan işleriňizi elmydama rowaç etsin! Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent bolmagyny Beýik Biribardan dileg edýäris!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi türkmenistanlylaryň uly dabara bilen giňden belläp geçýän mukaddes Oraza baýramy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.
«MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY
RESMI DILERI

## «MERTLIK RUHY» H.J. «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi we mähriban halkymyzy mukaddes Oraza baýramy mynasybetli tüýs ýürekden mähirli gutlaýarys!

Halkymyzyň köpasyrlyk taryhynyň dowamynda döreden baý ruhy mirasy – Oraza baýramy dünýäniň umumadamzat gymmatlyklarynyň bir bölegidir. Remezan köňül öýleriniň mähri bilen baglanyşyklydyr. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ruhy dünýäsi ýagşylyga, ajap umyt-arzuwlara beslenen halkymyz her bir mukaddeslige kalp öýünden orun berip ýaşaýar. Oraza aýy ynsan durmuşyna, ýüregine nur çaýýar. Oraza aýynda halkymyz Diýarymyzyň asudalygy, il-günümiziň abadançylygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar şu güni we röwşen geljegi ugrunda uly işleri alyp barýan **belent mertebeli Prezidentimiz** – Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, il-ýurt bähbitli, dünýä ähmiýetli tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagy üçin doga-dilegler edýär. Goý, päklenmegiň, toba etmegiň belent nyşany hökmünde Allatagalanyň ynsan kalbyna bagyş eden mübärek Oraza aýynda edilen doga-dilegler, alkyş-ybadatlar Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

«MERTLIK RUHY» H.J.
«HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY
RESMI DISTRIBÝUTORY

## HUAWEI

ONUŇ ALYHEZRETI,
TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENT!

Sizi we ähli türkmen halkyny mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Remezan aýynyň mukaddes Gadyr gijesinde edilen ähli doga-dilegler Hakyň dergähinde kabul bolsun!

Goý, Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak bolsun!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
**kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ,
ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА
СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ
ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ!

От всего сердца поздравляем Вас и весь туркменский народ со священным мусульманским праздником Ораза байрам!

Пуст всевышний примет все молитвы и желания, обращенные к нему в священную ночь месяца Рамазан чтоб мир и добро вошли в наши дома, а счастье, благополучие и достаток стали верными спутниками в жизни!

Мы желаем Вам долгой жизни и крепкого здоровья!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании**
«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD»
**в Туркменистане.**

## «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Oraza aýynda halkymyz ýurdumyzyň dünýädäki abraýynyň, şan-şöhratynyň has-da belende galmagy, ýurt abadançylygy hem-de rowaçlygy üçin doga-dilegler edýär. Bularyň ählisi ata-babalarymyzyň mukaddes ýörelgelerine eýerip, biziň buýsanjymyz bolan eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda yhlasly zähmet çekýän, döredýän, gurýan halkymyzyň agzybirligini has-da pugtalandyrýar, nesillerimizi watansöýüjiligiň hem-de ynsanperwerligiň belent ruhunda terbiýeleýär, şöhratly geçmişimize, şu günümize, geljegimize buýsanjymyzy has-da artdyrýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi hem-de eziz halkymyzy mukaddes Oraza baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size işleriňizde rowaçlyk, mähriban halkymyza asuda asman we bagtyýar durmuş arzuw edýäris! Arzuwlaryň hasyl bolýan aýynda Beýik Biribardan Size berk jan saglyk, uzak ömür dileýäris!

Oraza baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

«DEŇIZ SÖWDA FLOTY»
**ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň**
**ýolbaşçylary we işgärleri.**